# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – GEÇEN TARYHY DÖWÜR BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ MILLI BÄHBITLERIMIZE, BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ MAKSATLARYNA DOLY LAÝYK GELÝÄNDIGINI AÝDYŇ GÖRKEZDI.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
17-nji ýanwar, 2025. Belgisi 3/1621




# ŞANLY SENÄ MYNASYP TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

**Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere taýýarlyk görülýär.**

Bu çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda guramaçylyk döwlet topary döredildi. Bu topara Türkmenistanyň Halk Maslahaty başlyklyk edýär.

9-njy ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mejlisiň Başlygynyň hem-de Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň gatnaşmagynda bu toparyň mejlisini geçirdi. Mejlisde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek çäreleriň üsti bilen merdana halkymyzyň asylly däp-dessurlaryny, myhmansöýerligini, eziz Diýarymyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösýändigini we ynamly öňe barýandygyny bütin dünýä aýdyň görkezmelidiris» diýip, Milli Liderimiz aýtdy hem-de Diýarymyzda Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde geçiriljek halkara çäreleriň dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmek, Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmäge goşant goşmak babatda möhüm waka boljakdygyna berk ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlyk Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. BMG sebitde we dünýäde parahatçylygyň pugtalandyrylmagy ugrunda çykyş edýän Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýär.

Bu şanly ýylda iri halkara guramanyň döredilmeginiň 80 ýyllygy we ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy giňden bellenilip geçiler.

Şulardan ugur alnyp Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy taýýarlanyldy.

Oňa laýyklykda birnäçe halkara çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar.

### 1. HALKARA FORUMLAR WE MASLAHATLAR:

– 2025-nji ýylyň ýanwarynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň resmi açylyşy;

– mowzuklaýyn maslahatlar we dialoglar, şol sanda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň we Baş Assambleýasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň, BMG-niň Parahatçylygy üpjün etmek boýunça komissiýasynyň we beýleki halkara meýdançalaryň çäklerinde;

– parlamentara dialog forumy;

– parahatçylygy, ynanyşmagy we howpsuzlygy berkitmek boýunça sebit maslahatlary;

– parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň yzygiderli duşuşyklary;

– parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine zenanlaryň we ýaşlaryň ornuny berkitmek boýunça halkara çäreler;

– BMG-niň ştab-kwartirasynda bitaraplyk bilen bagly geçiriljek maslahat.

### 2. MAGLUMAT WE AŇ-BILIM IŞI:

– bitaraplygyň ýörelgelerine, onuň dawalaryň öňüni almakda, durnukly ösüşi gazanmakda eýeleýän ornuna bagyşlanan maglumatlary taýýarlamak we çap etmek;

– bilim maksatly çäreleri, ýagny okuw sapaklaryny, interaktiw okuw maslahatlaryny guramak;

– parahatçylygyň we ynanyşmagyň ynsanperwer ýörelgelerini wagyz etmek hem-de bu işe ählumumy derejede ýaşlaryň goşulyşmagyny gazanmak maksady bilen, jemgyýetçilik torlaryny we sanly diplomatiýany amala aşyrmagyň mümkinçiliklerini ulanmak.

### 3. HALKARA MEDENI-KÖPÇÜLIKLEÝIN ÇÄRELER:

– «Parahatçylyk sazy» atly festiwal;

– «Parahatçylyk we ynanyşmak» atly halkara ýaşlar bäsleşigi;

– halkara sport çäreleri;

– Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlarynyň geçirilmegi;

– talyplar üçin ylmy bäsleşikler we maslahatlar;

– mekdeplerde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky açyk sapaklar.

### 4. BMG-niň WE BEÝLEKI HALKARA GURAMALARYŇ DEREJESINDÄKI IŞLER:

– Bitaraplygyň dostlary toparynyň mowzuklaýyn duşuşygy;

– parahatçylyk zolagy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisi;

– ösüşi maliýeleşdirmek boýunça sebitleýin duşuşyk.

### 5. WEBINARLAR WE WIDEOMASLAHATLAR:

– hyzmatdaşlar bilen bitaraplyk hakynda webinarlar;

– halkara gatnaşyklar boýunça bilim berýän ýokary okuw mekdepleriniň arasynda wideomaslahatlar.

### 6. SEBITLEÝIN WE ÝÖRITELEŞDIRILEN ÇÄRELER:

– Hazar meselesi boýunça duşuşyklar;

– Merkezi Aziýada hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça köptaraplaýyn dialoglar;

– ýöriteleşdirilen halkara guramalaryň ugry boýunça okuw maslahatlary.

2025-nji ýylyň dekabr aýynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek iri halkara forum bolsa ýylyň möhüm wakasy bolar.

# BMG BILEN STRATEGIK HYZMATDAŞLYK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ ESASY UGRY

***14-nji ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy.***



Gahryman Arkadagymyz telefon arkaly söhbetdeşlik üçin minnetdarlyk bildirip, BMG-niň Baş sekretary bilen geçen ýylyň tomsunda Aşgabatda geçiren duşuşygyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny, bu duşuşygyň örän peýdaly we netijeli bolandygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, oňa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň salamyny, uly hormat goýýandygy baradaky sözlerini ýetirdi.

Antoniu Guterriş hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, öz gezeginde, hormatly Prezidentimize mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de BMG-niň sebitde we dünýäde parahatçylygyň pugtalandyrylmagy ugrunda çykyş edýän Bitarap Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýändigini belledi. Şeýle-de ol Türkmenistanyň ähلumumy parahatçylyga, abadançylyga, durnukly ösüşe gönükdirilen syýasatyna, bu ugurdaky başlangyçlaryna ýokary baha berdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna badalga berilýändigini, Türkmenistanyň bu waka şu ýyl döredilmeginiň 80 ýyllygyny belleýän BMG-niň taryhynda möhüm, aýratyn tapgyr hökmünde garaýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz 2025-nji ýylyň taryhy senä – Milletler Bileleşigi tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň halkara derejede ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna gabat gelmeginiň aýratyn ähmiýetini nygtady hem-de Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlygyň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugry bolup durýandygyny tassyklady.

### BMG BILEN HYZMATDAŞLYKDA AMALA AŞYRYLMAGY GÖZ ÖŇÜNDE TUTULÝAN MEÝILNAMALAR TAÝÝARLANYLDY

Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda Gahryman Arkadagymyz BMG-niň Baş sekretaryny 2025-nji ýylda Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan meýilnamalar bilen tanyşdyrdy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy taýýarlanyldy. Bu resminamada ýurdumyzyň häzirki zamanyň ähلumumy gün tertibiniň esasy meselelerine garaýyşlary beýan edilýär. Şeýle-de onda özara ynanyşmak, dialog we jogapkärçilik esasynda döwletleriň tagallalaryny birleşdirmek barada ýurdumyzyň garaýyşlary kesgitlenilýär. Milli Liderimiz bu babatda 2025-nji ýylyň özgerişler ýyly bolup biljekdigini we bolmalydygyny nygtap, BMG-niň Türkmenistanyň Konsepsiýada beýan edilen maksatlaryny goldajakdygyna ynam bildirdi.

Bu Konsepsiýa taýýarlanylanda, köp babatda BMG-niň başlangyjy boýunça geçen ýylyň sentýabr aýynda geçirilen «Geljegiň sammitiniň» esasy mazmunyna esaslanylandygy aýratyn bellenildi. Şoňa görä-de, Türkmenistan Konsepsiýany şol sammitiň jemleýji resminamasy bolan «Geljegiň hatyrasyna pakty» durmuşa geçirmäge özboluşly goşant hasaplaýar.

BMG-niň Baş sekretary ähلumumy gün tertibiniň möhüm meselelerini çözmekde tagallalary birleşdirmäge gönükdirilen Konsepsiýanyň wajypdygyny belläp, ony dolulygyna makullady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri öňde durýan işleriň esasy ugurlary barada aýdyp, howpsuzlyk bilen bagly meselä ünsi çekdi hem-de Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Ähلumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyjyny nygtady.

■ 2

# ÝYLYŇ ŞYGARY – GELJEGE SARY ÜSTÜNLIKLER



«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzda taryhy özgertmeleri durmuşa geçirmek işi üstünlikli dowam etdirildi, halkymyzyň abadan, bagtyýar durmuşy has-da rowaçlandy, türkmeniň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýy halkara derejede giňden toýlanyp geçildi. Geçen ýyly uly üstünlikler bilen tamamlan halkymyz «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna» gadam basdy.

Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen türkmen halkynyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleri bu günki döwlet syýasatymyzyň özenini düzýär. 2025-nji ýyly döwrebap atlandyrmak bilen baglanyşykly köp işler alnyp baryldy. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň wekilleriniň, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşikleriniň, zähmetkeş toparlarynyň, raýatlarynyň teklipleri öwrenildi.

■ 2



## Dubaýda goşa gökdirän gurlar

4

Norman Foster tarapyndan esaslandyrylan Beýik Britaniýanyň «Foster + Partners» binagärlik kompaniýasy ýakyn wagtda Dubaýda (BAE) guruljak goşa gökdiräniň taslamasyny hödürledi.



## Antarktida hakynda gyzykly maglumatlar

5

Geografik gözlegleriň taryhynda iň soňky açylan yklym bolan Antarktida barada entek öwrenmäge zat köp. Ýer şarynyň iň günorta ujunda ýerleşýän bu yklym barada nämeleri bilýäris?



## Kitap berýän beketler

6

Moskwada kitap berýän ýörite beketleriň ulgamy ornaşdyrylyp, ol edebi kitaplary almagy ýeňilleşdirýär. Şäheriň ilaty we myhmanlary okyjy karty bilen bary-ýogy bäş minutda kitap saýlap we alyp bilerler.




## «Barselonanyň» 100-nji kubogy

7

Ispaniýanyň Super Kubogy ýaryşynda bu gezek «Barselona» ýeňiji boldy. Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda «Barselona» köne bäsdeşi «Real Madridi» 5-2 hasabynda ýeňmegi başardy.

# BMG BILEN STRATEGIK HYZMATDAŞLYK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ ESASY UGRY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gapma-garşylykly ýagdaýlaryň öňüni almagyň we olary aradan aýyrmagyň guraly hökmünde öňüni alyş diplomatiýasyny işjeň ulanmak bu strategiýanyň esasy ugurlarynyň hataryndadyr.

### SEBIT HOWPSUZLYGY BILEN BAGLY MESELELER BOÝUNÇA DIALOGY IŞJEŇLEŞDIRMEK MAKSAT EDINILÝÄR

Gahryman Arkadagymyz BMG-niň parahatçylyk döredijilikli tagallalaryny ilerletmek üçin Bitaraplygyň mümkinçiligini giňden ulanmagyň, ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek bilen bagly ynanyşmak dialogynyň medeniýetini dikeltmegiň möhümdigini belledi. Milli Liderimiz bu teklipleriň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň dünýäde syýasy dartgynlylygy azaltmaga ýardam etjekdigine ynam bildirip, Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebit howpsuzlygy bilen bagly meseleler boýunça dialogy işjeňleşdirmegi pugta maksat edinýändigini tassyklady. Anyk aýdylanda, gürrüň Merkezi Aziýadaky ýagdaý barada barýar. Biz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly Kararnamalaryna esaslanmagy maksat edinýäris diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Merkezi Aziýada howpsuzlygyň derejesi we ýagdaýy köp babatda häzirki döwürde sebit gün tertibinde durýan meseleleriň giň toplumynyň netijeli çözülmegine baglydyr. Şolaryň biri-de suw bilen bagly meseledir. Bu ugurda ýurdumyzyň garaýşy geçen ýylyň 3-nji dekabrynda Er-Riýadda geçirilen «Bitewi suw» sammitinde anyk beýan edildi. Türkmenistan Merkezi Aziýada suw bilen bagly meseleleriň tutuş toplumyna seredilende halkara hukugy berjaý etmäge, sebitiň döwletleriniň bähbitlerini özara nazara almaga hem-de bu işe halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasyny çekmäge esaslanýan çemeleşmä eýerýär. Bu kadalaryň bozulmagy sebitiň ýurtlary üçin howply bolup, ekologik, durmuş-ykdysady, ynsanperwer ugurlarda ägirt uly töwekgelçilikleri döredýär.

### NETIJELI TÜRKMEN-OWGAN HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRILER

Milli Liderimiz Owganystandaky ýagdaý barada durup geçip, Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň bu ýurtda parahatçylygy we raýat ylalaşygyny gazanmak, onuň ykdysady üpjünçilik ulgamlaryny dikeltmek, durmuş meselelerini çözmek boýunça tagallalary goldaýandygyny aýtdy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan Owganystanda häzirki täze häkimiýet babatda oýlanyşykly, hakyky ýagdaýdan ugur alýan syýasaty alyp barýar. Şeýle hem bu ýurduň täze häkimiýeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň garaýyşlaryny, halkara derejede ykrar edilen çemeleşmeleri nazara alyp, dialogy saklaýar. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyz owgan tarapynyň gatnaşmagynda iri ykdysady taslamalary durmuşa geçirýär. Şolaryň hatarynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň, Owganystanyň çäginden Pakistana uzajak elektrik geçiriji ulgamyň, Türkmenistandan owgan ugry boýunça demir ýollaryň gurluşygy bar. Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda Owganystanyň ilatyna ynsanperwerlik kömegini hem berip gelýär. Ýurdumyz öz serişdeleriniň hasabyna durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny amala aşyrýar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi we şeýle kömegiň geljekde-de üýtgewsiz dowam etdiriljekdigini nygtady.



BMG-niň Baş sekretary Milli Liderimiziň telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda beýan eden, dünýäde we sebitde parahatçylygy, durnukly ösüşi, abadançylygy pugtalandyrmaga gönükdirilen teklipleriniň we başlangyçlarynyň möhüm ähmiýetini nygtady hem-de olary goldady.

### TÜRKMENISTANYŇ ÇÄGINDE PARAHATÇYLYK DÖREDIŞ IŞINIŇ MERKEZLERINI DÖRETMEK TEKLIBI BEÝAN EDILDI

Halk Maslahatynyň Başlygy sebit howpsuzlygy baradaky meselä geçip, bu ugurda Türkmenistanyň Hazarýaka döwlet bolup durýandygyny hem göz öňünde tutmagyň zerurdygyny belledi. Şoňa görä-de, Hazar deňzi sebitinde howpsuzlygyň ýagdaýy bizi alada goýýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzyň geçen ýylyň dowamynda Türkmenistanda Hazarýaka döwletleriň daşary işler ministrleriniň maslahatyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürendigini aýtdy we şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bitarap döwletlere Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylyk döredijilikli tagallalarynda «ileri tutulýan hyzmatdaş» hukuk ýagdaýyny bermek baradaky başlangyçlaryna esaslanyp, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylyk döretmek işine jogapkär düzümleri bilen işjeň iş alyp barmaga taýýardygyny beýan etdi. Şu maksat bilen, Türkmenistanyň çäginde parahatçylyk dörediş işiniň iki merkezini döretmek mümkinçiligine seredip bolar. Elbetde, bu ugurda işler Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny nazara almak bilen amala aşyrylar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi we bu işleriň esasy maksadynyň halkara parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, şol sanda gapma-garşylyklaryň öňüni almak bilen bagly meseleleri çözmek üçin bitaraplygyň kadalaryny iş ýüzünde ulanmak bolup durýandygyny nygtady.

### DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEK BILELIKDÄKI IŞIŇ ESASY UGURLARY

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmegiň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyndaky bilelikdäki işiň esasy ugurlarynyň biridigini belläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň wezipelerini ýerine ýetirmäge gönükdirilen hereketleri milli derejede hem, ýurdumyzyň durnukly ösüş babatda halkara tagallalara öz goşandyny goşmagy bilen bagly hem işjeňleşdirmäge taýýardygyny tassyklady. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň öňe süren Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek boýunça ählumumy Çarçuwaly maksatnamany taýýarlamak, Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny hem-de Ählumumy energetika howpsuzlygy we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlyk bileleşigini döretmek baradaky başlangyçlarynyň Durnukly ösüş maksatlaryny netijeli durmuşa geçirmäge ýardam edip biljekdigi nygtaldy. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň öz hyzmatdaşlary bilen iri ykdysady, durmuş, ynsanperwer, ekologiýa, howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmek boýunça işleri dowam etdirjekdigini tassyklap, ýurdumyzyň başlangyjy boýunça döredilen «Türkmenistan – BMG» strategik maslahat beriş geňeşiniň bu işlerde goldaw berjekdigine ynam bildirdi.

Söhbetdeşligiň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen giň ynsanperwer gün tertibi boýunça mundan beýläk-de hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen özara hyzmatdaşlygy yzygiderli berkitmegi maksat edinýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenistanda raýatsyzlygyň soňuna çykmak boýunça 2019 – 2024-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň» üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň netijelerine esaslanyp, ýurdumyzyň Merkezi Aziýada apatridler we bosgunlar bilen işlemek boýunça tejribesini halkara derejede hem ulanmak teklibi beýan edildi.

### HALKARA FORUM GEÇIRILER

Şu ýyl biziň öňümizde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasyny durmuşa geçirmäge gönükdirilen we Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan çäreleriň giň gerimli maksatnamasyny amala aşyrmak wezipeleri durýar. Halkara forumynyň geçirilmegi öňde boljak çäreleriň esasy wakasy bolar diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de bu forumy şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň derejesinde guramagyň göz öňünde tutulýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz BMG-niň Baş sekretaryny uly hormat bilen bu sammite gatnaşmaga çagyrdy.

Antoniu Guterriş 2025-nji ýylyň Türkmenistanda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginiň ähmiýetini belläp, şu ýylyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna hem-de BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygyna beslenýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Baş sekretar BMG-niň düzüm birlikleriniň Türkmenistan tarapyndan guraljak halkara çärelere işjeň gatnaşjakdyklaryny belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny ýene-de bir gezek tassyklady hem-de Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ynamdar hyzmatdaşy we pikirdeşi, sebitde hem-de dünýäde onuň ygtybarly daýanjy bolandygyny, bolýandygyny we şeýle bolmagynda-da galjakdygyny belledi. Biz bu garaýşyň aýdyň tassyknamasy hökmünde Türkmenistanda geçiriljek halkara duşuşyklarda we çärelerde öz milli baýdagymyz bilen bir hatarda, Birleşen Milletler Guramasynyň baýdagynyň hem goýulmagyny isleýäris. Biziň üçin bu buýsanjyň alamaty, Bitarap Türkmenistanyň we Birleşen Milletler Guramasynyň garaýyşlarynyň we maksatlarynyň bitewüliginiň nyşany bolar diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

BMG-niň Baş sekretary Türkmenistanyň halkara giňişlikde öňe sürýän ähli başlangyçlarynyň häzirki wagtda örän derwaýysdygyny belledi hem-de ýurdumyzyň bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleri esasynda bu ugurda durmuşa geçirýän işlerini goldaýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady.

Söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň sebitde we dünýäde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Telefon arkaly söhbetdeşlik BMG-niň Baş sekretarynyň başlangyjy boýunça geçirildi.

## Iň ygtybarly awiakompaniýalar

Dünýäniň iň gowy awiakompaniýalarynyň sanawy taýýarlandy. Awiasiýa pudagy bilen bagly iş alyp barýan «AirlineRatings.com» saýty 2025-nji ýylyň iň ygtybarly awiakompaniýalaryny saýlady. Sanawda «Air New Zealand» birinji orny eýeledi. «Qantas» (Awstraliýa) we «Cathay Pacific» (Gonkong) ilkinji üçlüge giripdir. Degişlilikde, «Qatar Airways» hem-de «Emirates» bolsa ilkinji bäşlige adyny ýazdyrdy.



Ilkinji onluga ANA (Ýaponiýa), «EVA Air» (Hytaý), «Korean Air» (Koreýa Respublikasy), «Alaska Airlines» (ABŞ) we «Turkish Airlines» (Türkiýe Respublikasy) girdi.

Sanawda arzan bahaly awiakompaniýalaryň hem iň ygtybarlylary saýlandy. Olaryň arasynda «Hong Kong Express» (Gonkong), «Jetstar Group» (Awstraliýa), «Ryanair» (Irlandiýa) we «easyJet» (Beýik Britaniýa) öňdäki orunlary eýeledi. Bulardan başga-da, «Frontier Airlines» (ABŞ), «AirAsia» (Malaýziýa), «Wizz Air» (Wengriýa), «VietJet Air» (Wýetnam), «Southwest Airlines» (ABŞ) we «Volaris» (Meksika) bu ugurda ilkinji onluga girdi.

**Begenç ANNAGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Söwda saldosy 1 trillion dollara ýetdi

Hytaýyň 2024-nji ýyldaky eksporty importyndan 1 trillion dollara golaý köp boldy. Bu görkeziji 2023-nji ýylda 838 milliard dollar bolupdyr. Ýurduň Gümrükler boýunça baş edarasy geçen ýyl eksportyň 3,58 trillion dollar, importyň 2,59 trillion dollar bolandygyny mälim etdi. Aradaky tapawut Hytaýyň ykdysadyýetiniň 10 göterimine deň boldy. Şeýle hem bu görkeziji Germaniýa, Ýaponiýa we ABŞ ýaly dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyňkydan köp boldy.



Ýurt, esasan, awtoulag, Gün paneli we tehnologiýa önümleriniň eksportyny artdyryp, import edilýän harytlaryň möçberini azaltmaga ähmiýet berýär. BMG-niň Senagat ösüşi boýunça guramasynyň maglumatyna görä, häzirki wagtda dünýädäki harytlaryň üçden bir bölegi Hytaýda öndürilýär. Ýurt ylym-bilim, infrastruktura we tehnologiýa ýaly ugurlara maýa goýum goýmak arkaly bu ugurda öňdeligi eýeleýär.

**Mähri AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ýylyň şygary – geljege sary üstünlikler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly goşgusynyň çuňňur many-mazmunyna aýratyn üns berlip, milli Liderimiziň gymmatly maslahatlaryna eýerildi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi göz öňünde tutuldy.




2025-nji ýylyň ýurdumyzda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi hormatly Prezidentimiziň Milletler Bileleşiginde öňe süren möhüm halkara başlangyçlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şol başlangyçlar dünýä derejesinde ykrar edilýär, iş ýüzünde durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen, 86 döwletiň awtordaş bolup çykyş etmeginde, BMG-ä agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda 2024-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamany kabul etmegi hem munuň aýdyň güwäsidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Birleşen Milletler Guramasynda öňe süren Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly baradaky başlangyjy türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň şol gadymy, çuň köklere esaslanyp öňe süren, döwletara gatnaşyklara girizen «Dialog – parahatçylygyň kepili» filosofiýasynyň logiki dowamydyr, iş ýüzünde mundan beýläk-de durmuşa geçirilmesidir.

Häzirki wagtda ýurdumyz parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerine berk eýerip, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär we bu iri halkara guramanyň umumadamzat ähmiýetli maksatnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirýär.

**Züleýha ŞYHMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Raýat awiasiýasynda döwrebap hyzmatlar

Hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideriniň öňdengörüjilikli başlangyçlary netijesinde ýurdumyzyň raýat awiasiýasynyň hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek ugrunda giň tagallalar edilýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly «Türkmenhowaýollary» agentligi üçin raýat awiasiýasy we




halkara hyzmatdaşlygy babatynda uly üstünliklere beslendi. Ýolagçylaryň Jidda, Milan, Bangkok, Hoşimin we Kuala-Lumpur ýaly meşhur syýahatçylyk ugurlaryna bolan islegleriniň kanagatlandyrylmagy ugrunda bu ugurlara gatnawlar amala aşyryldy. Halkara gatnawlarda «Türkmenistan» awiakompaniýasy» AGPJ tarapyndan uçarlara ornaşdyrylan multimediýa dynç alyş ulgamy möhüm täzelikleriň biri boldy. Indi ýolagçylar uzak aralyga uçuşlarda dürli filmleri, sesli kitaplary we sazlary diňläp, lezzet alyp bilýärler. Bu hyzmat ýolagçylara tölegsiz hödürlenýär we ulanmak has aňsatdyr.

Ýakynda bolsa, Türkmenistanyň Howa kodeksiniň 71-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň awiasiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleri meýilleşdirmek we amala aşyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň awiasiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň Döwlet maksatnamasy tassyklanyldy.

Maksatnamada Halkara raýat awiasiýasy guramasynyň awiasiýa howpsuzlygy boýunça kadalaryna, tejribelerine we iş amallaryna laýyklykda, Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň uçuşlaryň howpsuzlygyny, yzygiderliligini, netijeliligini ýokary derejede üpjün etmek üçin hukuk hem-de guramaçylyk çäreleri göz öňünde tutulýar.

**Aziza HYDYROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Dil – ösüşleriň görkezijisi

Ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmäge, ýaşlaryň ýokary hilli bilim almagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Talyplara daşary ýurt dilleriniň öwredilişini we okadylyşyny kämilleşdirmekde netijeli işler alnyp barylýar. Şunda bilim berlişiniň hilini ýokarlandyrmakda, täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmakda, öwretmegiň netijeli usullaryny ornaşdyrmakda ähli şertler döredilendir.

Häzirki wagtda sanly tehnologiýalaryň ylym-bilim ulgamyna ornaşdyrylmagy belli bir derejede ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyklykda bilim almagyna, hünär taýýarlygyny, tejribelerini kämil derejede ösdürmegine giň mümkinçilikleri döredýär. Öz işine ussat hünärmenleri taýýarlamakda dürli dilleri öwredýän bilim merkezleriň hem ähmiýeti diýseň uludyr. Ýurdumyzda gysga möhletli okuwlary geçirýän ähli bilim merkezlerinde dil öwrenýän ýaşlaryň arasynda daşary ýurt dilleri boýunça Döwlet olimpiadasy geçiriler. Bäsleşik üç tapgyrda amala aşyrylar. Daşary ýurt dilleri boýunça Döwlet olimpiadasynyň birinji tapgyryny 8-nji fewralda bilim merkezlerinde geçirmek göz öňünde tutulýar.



21-nji fewrala bellenen ikinji tapgyr Aşgabat şäherinden we Ahal welaýatyndan gatnaşýanlar üçin D.Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda, Balkan welaýatyndan gatnaşyjylar üçin Balkanabat şäherindäki tebigy ylymlar dersleri çuňlaşdyryp öwredilýän 21-nji ýöriteleşdirilen orta mekdepde, Daşoguz welaýaty boýunça Türkmen oba hojalyk institutynda, Lebap welaýaty boýunça Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda, Mary welaýaty boýunça bolsa Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda geçiriler.

Daşary ýurt dilleri boýunça döwlet olimpiadasynyň jemleýji üçünji tapgyrynyň 19-20-nji martda D.Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda geçirilmegi meýilleşdirilýär. Bu barada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi web saýtynda giňişleýin maglumat berilýär.

Ata Watanymyzy dost-doganlygyň, beýik işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýän hem-de oňyn başlangyçlaryň öňe sürülýän ajaýyp mekanyna öwren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolup, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyndaky taryhy tutumlary rowaçlyklara beslensin!

**Jahan ATAMYRADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Ýaşlar kämil bilimlerini üstünlikli özleşdirýärler

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzyň bilimler ýurdy hökmündäki şan-şöhraty barha arşa göterilýär. Ýaşlarymyzyň halkara bilim olimpiadalarynda, internet bäsleşiklerinde yzygiderli çykyş edip, üstünlik gazanmagy hem şeýle diýmäge esas berýär. Ýurdumyzda ýaşlaryň, şol sanda mekdep okuwçylarynyň arasynda dürli derejeli halkara olimpiadalary guramagyň däbe öwrülmegi has-da begendirýär.

Şu ýylyň ýanwar aýynyň 13-17-si aralygynda Gazagystan Respublikasynda geçirilýän matematika, fizika we informatika dersleri boýunça XVI halkara Žautykow olimpiadasyna ýurdumyzyň mekdep okuwçylaryndan saýlanan topar hem gatnaşdy. «IZho 2025» halkara olimpiadasynda 15 döwletden 700-e golaý mekdep okuwçylary baýrakly orunlar üçin bäsleşdiler. Gazagystan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Täjigistan, Russiýa, Belarus, Ermenistan, Azerbaýjan, Türkiýe, Gruziýa, Bolgariýa, Rumyniýa, Serbiýa we Mongoliýa ýaly döwletler bilen bir hatarda, Türkmenistan hem bu olimpiadada mynasyp wekilçilik etdi.

Hormatly Prezidentimiziň 10-njy ýanwarda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň barşynda şu ýylyň aprel aýynda Aşgabatda mekdep okuwçylarynyň arasynda II halkara matematika olimpiadasynyň geçiriljekdigi barada habar berilmegi mekdep okuwçylarynyň daşary ýurtlarda hem-de ýurdumyzda halkara bilim bäsleşiklerine gatnaşyp, öz alan bilimlerini özleşdirýändikleriniň aýdyň netijesi bolup durýar.




**Bähbit AGAMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Täze görnüşi tapyldy

Awstraliýada dünýäniň iň zäherli mör-möjekleriniň biri hasaplanýan guýguç kerep möýüniň (lat: Atrax robustus) has uly görnüşi ýüze çykaryldy. Zoologlar täze tapylan jandaryň ululygy 1-5 santimetr aralygynda bolýan adaty guýguç kerep möýünden has uly we zäherlidigini belleýärler.



Awstraliýaly alymlar tarapyndan tapylan jandaryň reňkiniň goýy garadygy mälim edildi.

Awstraliýada endemik jandarlaryň onlarça görnüşi ýaşaýar. Guýguç kerep möýleri bolsa ýurduň gündogar sebitlerinde duş gelip, howply jandarlaryň biri hasaplanýar. Bilermenler täze açyşyň tebigy durmuş we zäherli jandarlar barada alnyp barylýan işleri has-da ilerletjekdigini belleýärler.

**Selbi ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

## Elektroulag satuwy 25 göterim artdy

Geçen ýyl dünýäde elektroulag satuwy rekord derejede artyp, 17 milliondan geçdi. Bu görkeziji Ýewropada käbir ýurtlaryň elektroulaglara berýän ýeňilliginiň aýrylandygyna garamazdan hasaba alyndy. Angliýanyň «Rho Motion» maglumat beriş kompaniýasy 2024-nji ýylda jemi 17,1 million elektroulag satylandygyny mälim etdi. Şeýlelikde, geçen ýyl dünýäde 2023-nji ýyldakydan 25 göterim köp elektroulag ýerlenipdir. Ýewropada elektroulaga bolan isleg 3 göterim azalyp, 3 million bolupdyr. Birleşen Patyşalykda 400 müňden gowrak batareýaly ulag satylyp, Ýewropanyň iň köp elektroulag satylan ýurdy boldy. Şeýlelikde, bu ýurtda elektroulag satuwy Germaniýadan öňe geçdi. Germaniýada 2023-nji ýylyň ahyrynda elektroulaglar üçin berilýän ýeňilligiň ýatyrylmagy bilen isleg pese gaçdy. ABŞ-da we Kanadada elektroulag satuwy 9 göterim artyp, 1,8 milliona ýetdi. Häzirki wagtda ABŞ-da elektroulag we batareýa önümçilik desgalarynyň birnäçesiniň gurluşygy dowam edýär. 2024-nji ýylda Hytaýda elektroulag satuwy 40 göterim artyp, 11 milliona ýetdi. Şeýlelikde, tok bilen işleýän ulaglaryň ýaryndan gowragy hytaýly müşderilere ýetirildi. Şeýle hem bu ýurtda satylan elektroulaglaryň üçden birinden gowragyny BYD modelleri emele getirdi.



**Yslamberdi TYLLANUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmegiň düzgünleri

Ýaşaýyş jaýlarynda ýangynyň döremegine, esasan, adamlaryň biperwaýlygy we gaz enjamlary gurnalanda hem-de ulanylanda howpsuzlyk düzgünleriniň ýerine ýetirilmeýändigi sebäp bolýar. Ýaşaýyş jaýlaryny we emläkleri ýangyndan goramak üçin şu aşakdaky çäreleri gyşarnyksyz berjaý etmek hökmandyr.

Ähli gaz enjamlary wagtly-wagtynda barlanmalydyr we bejergi işleri Gaz hojalygy edarasynyň hünärmenleri tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. Magistral gaz akdyryjy turbalardan tebigy gaz demir turbalar arkaly gaz enjamyna birikdirilmelidir. Gaz geçirijileriň we enjamlaryň birigýän ýerleri gaz syzmaz ýaly bileksejikler bilen berkidilmelidir. Ot ýakylýan enjamlaryň we ojaklaryň tüsseçykarlary iki aýdan arassalanmalydyr.



Ýaşaýyş jaýlarynda ýangynyň döremegine elektrik simleriniň gurnalyş hem-de ulanyş düzgünleriniň bozulmagy hem sebäp bolýar. Elektrik gyzdyryjy enjamlar ulanylanda, elektrik simleri çekilende düzgüne laýyk bolmalydyr. Elektrik simler wagtynda çalşylmasa, has könelip, toguň güýjüne çydaman, eräp başlaýar ýa-da olaryň daşlary sypyrylyp, içindäki simler biri-birine degip, ýangyn döreýär. Şonuň üçin elektrik enjamlary gurnalanda, olara laýyk geläýjek elektrik simleri we birikdirijileri saýlap almaly. Elektrik enjamlaryny gurnamak işleri şol ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.

Ýangynyň döremezligi üçin, öýden çykylmazdan ozal ýa-da ýatmazdan öň elektrik enjamlaryny elektrik setden aýyrmaly, gaz enjamlaryny öçürmeli.

Hormatly ildeşler! Öýlerimiziň abadançylygyny we saglygymyzy goramak özümize bagly. Ýangyna garşy göreş çäreleriniň ýönekeýje düzgünleriniň bozulan halatynda, ýangynyň döremegine getirjekdigini unutmaň! Ýangyn howpundan goranmak üçin howpsuzlyk çäreleriniň kada-kanunlaryny berk berjaý edeliň!

**Geldimämmet REJEPOW,**
*Aşgabat şäher Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlyk bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň müdiriniň işgärler boýunça orunbasary, içerki gullugyň maýory.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 17-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115576
Belgisi: 3/1621
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!



# ARKADAG ŞÄHERI ÝAŞLARYŇ ŞÄHERI

Arkadag şäheri milli Liderimiziň ajaýyp sungat eseridir. Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy we yzygiderli tagallasy bilen binýat bolan täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda meýilleşdirilen işleriň depginleri barha ýokarlanýar. Bu ýerde durmuş maksatly binalar bilen bir hatarda, önümçilik toplumlarynyň gurluşygyna möhüm ähmiýet berilýär. Bu bolsa täze şäheriň toplumlaýyn esasda ösdürilmegine giň ýol açýar.

Mälim bolşy ýaly, ýakynda hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň mejlisinde «Arkadag medisina klasteriniň birinji tapgyryny gurmak hakynda», «Arkadag şäheriniň içerki we daşarky agyz suw, suwaryş, lagym, ýagyn suw, ýapyk drenaž geçiriji ulgamlaryny, ýollary, içerki we daşarky eltiji elektrik, aragatnaşyk we gaz ulgamlaryny we desgalaryny gurmak hakynda», şeýle hem «Arkadag şäherinde Çeper halyçylyk kärhanasyny hem-de Türkmen halysynyň we el işleriniň milli muzeýini gurmak hakynda» Kararlara gol çekdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, ýaşlar Watanyň geljegidir, olar ýurdumyzyň ertirki eýeleridir. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýaşlarymyzyň ýüzlerçesi Arkadag şäherinde täze iş orunlary we ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün edildi.

Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi ýerleşýär. Bellenilişi ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde geçen ýylda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna ýüztutmalar esasynda 260-dan gowrak operasiýanyň geçirilendigi, köp sanly çagalarda saglygy goraýyş-öňüni alyş barlaglarynyň amala aşyrylandygy, saglygy goraýyş maksatly serişdeler bilen üpjün edilendigi buýsandyryjy ýagdaýdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen Arkadag şäherinde «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň döredilmegi halkyň, hususan-da, nesliň saglygy baradaky döwlet derejesindäki uly aladadan nyşandyr. Häzirki wagtda «akylly» şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar. Ikinji tapgyryň gurluşyk işlerine badalga bermek dabarasyna hormatly Prezidentimiz hut özüniň gatnaşyp, ak pata bermegi taryhy wakadyr.

Köpetdagyň ajaýyp künjeginde bina edilen Arkadag şäheriniň jana teneker howasy, kalbyňy heýjana getirýän gözelligi haýran galdyrýar. Bize döwrebap şertlerde ýaşamaga, işlemäge ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt, dünýä ähmiýetli işleri elmydama rowaç bolsun!

**Selbi AGALYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# DURMUŞ ÖZGERTMELERI, BELENT MAKSATLAR

*Halkymyzyň tutanýerli we yhlasly zähmeti bilen eziz Diýarymyz ähli ulgamlarda çalt depginde ösýär, özgerýär. Ýurdumyzyň syýasy-ykdysady we medeni-durmuş ugurlarda gazanylýan üstünlikler hormatly Prezidentimiz tarapyndan kabul edilýän maksatnamalaryň aýdyň netijeleridir. 2024-nji ýylda ýetilen sepgitler eziz Diýarymyzyň täze belentliklerini ýoly bilen aýdyň geljege tarap ynamly öňe barýandygyna, ýurdumyzyň halkara derejede tutýan ornunyň barha ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly ýurdumyzyň durmuşynda dürli syýasy, ykdysady, medeni wakalara beslenip, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiz üçin baýramçylyk ýylyna öwrülmek bilen, türkmen halkynyň taryhy ýyl ýazgysynyň şanly sahypasyny döretdi.*

2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy ýokary derejeli dabaralara, taryhy wakalara, giň gerimli çärelere beslendi. Ajaýyp zamanamyzda akyldar şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabaralar diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara derejesinde hem giň gerime eýe boldy.

Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny giňden öwrenmekde, halk köpçüligine ýetirmekde, halkara derejesinde ylmy esasda açyp görkezmekde uly hyzmatlary bitiren ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň raýatlaryny sylaglamak maksady bilen, «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň şanyna «Magtymguly» atly uly göwrümli ajaýyp kitap halkymyza gowuşdy. «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy hem-de Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi açyldy. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu bolsa belli bir şahsyýetiň ömrüni we döredijiligini öwrenmek, medeni mirasy ebedileşdirmek we geljekki nesillere ýetirmek maksady bilen, ýurdumyzyň milli kanun çykaryjylyk tejribesinde ilkinji gezek kabul edilen Kanundyr.

Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasyny öwrenmekde, aýawly saklamakda, wagyz etmekde hem-de geljekki nesillere ýetirmekde, ylym, bilim, medeniýet, edebiýat we sungat ugurlaryny ösdürmekde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin hormatly Prezidentimiziň gol çeken Permany esasynda ildeşlerimiziň ençemesi Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynda «Halkara parahatçylyk we



ynanyşmak ýylynyň dünýä bileleşigi tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bilen gabat gelmeginde çuňňur syýasy many bar diýip hasaplaýaryn. Biz Bitarap döwlet bolmak ugrundaky maksadymyzyň hut Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde durmuş hakykatyna öwrülendigine we dünýä jemgyýetçiliginiň ähli agzalary tarapyndan ykrar edilendigine buýsanýarys» diýip bellemegi ýurdumyzyň halkara arenasynda ägirt uly hormatyň eýesidigini ýene-de bir gezek subut edýär. Türkmenistan döwletimiz durnukly ösüşiň özara baglanyşykly 17 maksadyndan durýan ugurlar boýunça wezipeleri durmuşa geçirmekde dünýä ýurtlarynyň arasynda öňdäki orny eýeleýär.

Türkmenistan dünýä bileleşigine parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmakdaky köpugurly tagallalary diňe bir ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ilerletmek bilen, parahatçylyk medeniýetiniň kämilleşmegine, berkemegine hem uly goşant goşýar. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, dünýäde parahatçylygy saklamak, howpsuzlyk meselesi adamzadyň hem-de dünýä jemgyýetçiliginiň şu günki we geljekki ösüşini, ykbalyny kesgitleýän esasy mesele bolup durýar.

Goý, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Garaşsyzlygymyzyň, Bitaraplygymyzyň binýady has-da berkäp, bütin dünýäde parahatçylyk, ynanyşmak we dost-doganlyk güllesin! Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletli başlangyçlary esasynda bagtyýar günlerimiz dowamat-dowam bolsun!

**Ata ATAÝEW,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# DÖWREBAP AWTOBUSLAR ŞAÝOLLARYMYZY BEZÄR

*Ýurdumyzyň içerki we daşarky ulag arabaglanyşygy üçin ähli şertleriň döredilýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ulag ulgamynyň köptaraply ösdürilmeginiň ähmiýeti barha artýar. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän syýasy ugruna laýyklykda, Türkmenistan ulagyň ähli görnüşiniň maddy-enjamlaýyn binýadyny we infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrýar, geljegi uly üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek bilen, durnukly ösüşiň, ählumumy abadançylygyň bähbitlerine ulag diplomatiýasyny barha ilerledýär.*

Döwlet hem halkara ähmiýetli ýollaryň gurlup ulanmaga berilmegi bilen bir hatarda, welaýat, etrabara derejedäki ýollaryň gurulmagy babatda-da netijeli işler alnyp barylýar. Çünki döwletimiziň halk hojalyk toplumynyň okgunly ösüşi netijeli hereket edýän ulag düzümi bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýollaryň giň gerimli gurluşygy ähli sebitlerde täze iş orunlarynyň döredilmegine, welaýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň amatly bolmagyna, ýurdumyzyň çäginden geçýän üstaşyr awtoulag akymlarynyň artmagyna ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ugurdaş düzümler toplumlaýyn döwrebaplaşdyrylýar hem-de bilelikdäki taslamalar durmuşa geçirilýär. Şol bir wagtda halkymyza edilýän ulag hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak babatda uly işler ýerine ýetirilýär. Geçen ýylyň dowamynda hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzyň her bir welaýatyna 200 sany «Toyota Coaster» kysymly orta synply, «Toyota Hiace»




kysymly kiçi synply awtobuslar sowgat berildi.

2025-nji ýylda hem halkymyza şäheriçi awtobus hyzmatlaryny gowulandyrmak maksady bilen, Hytaýyň belli «Yutong» kompaniýasyndan 700 sany awtobuslaryny satyn almak göz öňünde tutuldy. Hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamasyna laýyklykda, bu awtobuslar Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda halkymyza ajaýyp sowgat bolar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligi halkara hyzmatdaşlygyna uly ähmiýet berip, dünýäniň awotulag tehnikalaryndan öňdebaryjy ýurtlar bolan Hytaýyň, Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň kompaniýalary bilen yzygiderli hyzmatdaşlyk edýär. Şonuň netijesinde awtobuslaryň dürli görnüşleri satyn alynýar.



Hytaýyň bu iri kompaniýasy dünýäde awtobuslaryň önümçiliginde öňdäki orunlary eýeleýär. Dostlukly ýurduň Henan welaýatynyň Çžençžou şäher okrugynda ýerleşýän awtobus öndürijisi öz önümçiliginde «MAN», «ZF», «Wabco», «Dana», «Cummins», «Eaton», «Allison», «Nissan», «Hino» ýaly kompaniýalaryň önümlerinden peýdalanýar.

Resmi taýdan «Zhengzhou Yutong Group Co., Ltd» kompaniýasy hökmünde atlandyrylýan bu kompaniýa häzirki wagtda 100-den gowrak döwlete awtobus eksport edýär. Şeýle hem bu kompaniýa döwrüň talaplaryna laýyk gelýän awtobuslary satmak bilen elektrikli awtobus önümçiligindäki ornuny has-da berkidýär. Bu kompaniýa awtobus abatlaýyş zawody hökmünde 1963-nji ýylda döredildi we şondan bäri köp üstünlikler gazanyp, awtobus eksportçysy derejesine geldi. Hytaý kompaniýasy hemişe daşky gurşawy goramak düşün-



jesine eýerýär we täze energiýa bilen işleýän awtobuslarynyň gözlegine we işlenip düzülmegine işjeň gatnaşýar. Kompaniýa täzeçil görnüşli ulaglarynyň esasy tehnologiýalarynyň birnäçesini özleşdirdi.

Umuman, biziň döwletimiz hem şeýle möhüm talaplara laýyk gelýän iri halkara kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýär.

**Meýlis AKMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# BITARAP WATANYMYZ DOST-DOGANLYGYŇ MEKANY

***Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň mizemez sütüni bolan hem-de ýurdumyzyň öňdengörüjilikli, netijeli halkara syýasatyny üstünlikli amala aşyrmagynda uly orny eýeleýän hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämiz taryhy ýoluň uly ähmiýetli, şanly wakalarynyň biridir. Hut şonuň üçin hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Karamamalary bilen iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy ata Watanymyzyň taryhynda örän möhüm senedir.***

Berkarar Diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň oýlanyşykly başlangyçlary esasynda amala aşyrylyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda dowamat-dowam bolýan köpugurly taryhy taslamalary, medeni-ynsanperwer ugurlarda ýetilen sepgitleri munuň anyk subutnamalary hökmünde görkezmek bolar. Munuň özi Bitaraplyk hukuk derejämiziň ýurdumyza Ýer ýüzünde ylalaşdyryjy merkez hökmünde belent abraýa eýe bolup, ähli ugurlarda üstünlikleri gazanmaga giň mümkinçilikleri döredýändigine şaýatlyk edýär. Şeýlelikde, 2025-nji ýylyň şygary Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmek babatdaky döwletli tutumlarynyň ynsanperwer ýörelgelerini mynasyp beýan edýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgesiniň giňden dabaralanýandygyny tassyklaýan ajaýyp pursatlar bilen başlandy. Munuň özi ýylyň şygarynyň ynsanperwer ýörelgeler bilen berk baglydygy-



na aýdyň subutnamadyr.

Hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylykly döwlet topary döredildi. Bu topara Türkmenistanyň Halk Maslahaty ýolbaşçylyk edýär.

Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň hökümet agzalary bilen guramaçylyk döwlet toparynyň mejlisini geçirdi. Şol mejlisde milli Liderimiz toparyň öňünde durýan wezipeleri kesgitläp, olary üstünlikli durmuşa geçirmek babatda gymmatly öwüt-nesihatlaryny, maslahatlaryny berdi.

Berkarar ýurdumyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny uludan toýlar. Şanly senäniň hormatyna geçiriljek dürli derejeli çäreler bolsa halkara gatnaşyklarda döwletimize uly üstünlikleri gazanmaga mümkinçilik berer. Şeýle-de ýubileý ýylynyň belent tutumlary ýurdumyzyň örän möhüm syýasy, ykdysady we ekologik başlangyçlary öňe sürýän, uzak möhletleýin ösüş maksatlary bolan kuwwatly döwlet hökmündäki abraý-mertebesini täze belentliklere göterer.

Hemişelik Bitarap Watanymyzy parahatçylyk döredijі döwlete, dost-doganlygyň mekanyna öwren Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik, ömürleri uzak bolsun!

**Zyba ANNADURDYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# HOŞMEÝILLI DAŞARY SYÝASATYMYZ DABARALANÝAR

***Täze taryhy eýýamda durmuşa geçirilýän hoşmeýilli daşary syýasatymyz, sebitde we dünýäde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň, halklaryň abadan durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilen ägirt uly işler ýurdumyzyň at-abraýyny belende galdyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen paýhasly şygaryndan ruhlanyp ýaşaýan halkymyz ösüşlerden ösüşlere barýar.***

Ak arzuwly menzillerde täze beýik maksatlara tarap ynamly barýan halkymyz bu ýylda-da saýlap alan ösüş ýoluny il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli parahatçylyk ýoly bilen alyp gider. Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden belleniljek ýyly bolan 2025-nji ýylyň şygarynyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginde uly many bar. Ata Watanymyz dünýä döwletleri bilen hoşniýetli, parahatçylyk söýüjilik gatnaşyklary üstünlikli ýola goýmak bilen sebitde möhüm orny eýeleýär.

Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylyga bagyşlan goşgusynda:

***Parahatlyk geljege iň mukaddes mirasdyr,***
***Ömürleriň manysy söýgi, mähir, yhlasdyr,***
***Adamzadyň arzuwy abatlyga telwasdyr!***

***Külli ynsan hakyna belent maksat tutany –***
***Türkmenistan – parahatlyk, ynanyşmak Watany!***

diýen setirleri ylhamly göwnümizi ganatlandyrdy. Gahryman Arkadagymyzyň bu ajaýyp eserinde Garaşsyz Watanymyzyň parahatçylyk söýüjilik, bitaraplyk, dost-doganlyk ýörelgeleri, ählumumy abadançylygyň bähbidine öňe sürýän başlangyçlary şahyrana beýan edilýär.




Ynanyşmak parahat ýaşaýşyň özenini düzüp, geljek nesilleriň asudalykda, parahat durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär. Parahatçylyk söýüjilikli taglymatyň kemala gelen ýerinde bagtyýar durmuşy, ösüş-özgerişi görmek bolýar. Ýurdumyzda «Açyk gapylar» syýasatynyň netijesinde parahatçylyk, ynanyşmak esasynda halkara hyzmatdaşlygy alnyp barylýar.

Dünýä döwletleri bilen özara bähbitli, dostlukly gatnaşyklary ýola goýmakda halkymyza mahsus milli ýörelgelerden ugur alynýar. Gahryman Arkadagymyz «Ýaşasyn parahat durmuş!» atly goşgusynda «Halklar bir jebis maşgala, Ýaşasyn parahat durmuş!» diýip, tutuş adamzady bir bitewi maşgala hökmünde häsiýetlendirýär.

Hakykatdan hem agzybirligiň, jebisligiň bar ýerinde, döwletlilik hem-de parahatçylyk ýörelgeleri ýaýbaňlandyrylýar. Täze ýylymyzyň ajaýyp şygary hakynda oýlanyp oturşyňa, gül Watanyň goýnunda erkana ýaşap, işläp, ajaýyp durmuşyň hözirini görüp ýaşaýandygymyza begenjiň goşalanýar. Parahatlyk, ynanyşmak, dostluk ýörelgeleriniň çuňňur kökleri bar. Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» kitabynda Şükür bagşynyň keşbi arkaly ata-babalarymyzyň ýüze çykan ýagdaýy kadalaşdyrmakda diňe parahatçylykly ýollary gözländigi beýan edilýär.

Ýurdumyzyň ösüş ýolundaky batly gadamlary hem-de barha artýan halkara abraýy ugrunda durmuşa geçirýän ägirt uly işleri üçin döwlet Baştutanymyza alkyşlarymyz çäksizdir. Tutuş dünýäde hemişelik Bitaraplygy, dost-doganlygy we hoşniýetli gatnaşyklary berkarar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwerlik syýasaty dowamat-dowam bolsun! Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly şanly sepgitler we beýik ýeňişler bilen şöhratlansyn.

**Ogulsona BOPPYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji.*

# GYŞDA DÜMEWDEN WE SOWUKLAMADAN GORANMAGYŇ USULLARY

*Gyş aýlarynda ynsan bedeni howanyň üýtgäp durmagy sebäpli keselleriň döremek howpy bilen ýygy-ýygydan ýüzbe-ýüz bolýar. Sowuk howa immuniteti gowşadyp, bedende wiruslaryň we bakteriýalaryň ýaýramagyny çaltlandyrýar. Şeýle ýagdaý saglygymyza oňaýsyz täsir edip, bedende birnäçe alamatlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Gyşda wiruslaryň adamdan adama aňsat geçýän ýerlerinde has köp wagt geçirýäris. Muňa, esasan hem, adamlaryň biri-birine golaý bolýan ýerlerini – iş ýerini, jemgyýetçilik ulaglaryny we söwda merkezlerini mysal getirip bileris. Gyşyna Gün şöhlesiniň haýal düşmegi beden üçin wajyp bolan D witamininiň ýetmezçiligine getirýär. Sowuk howada bedenimizi wiruslardan we bakteriýalardan goramagyň birnäçe ýönekeý we täsirli usullary bar.*

Her gün arassa howadan ýeterlik derejede dem almaly. Gezelenç – bedeni taplamagyň we goranyş ulgamyny işjeňleşdirmegiň iň oňat usullarynyň biridir. Arassa howa we fiziki işjeňlik bedeniň ýokançlyklara garşy göreşijiligini ýokarlandyrmaga kömek edýär. Gyşyna ýyladyjy enjamlaryň yzygiderli işledilýändigi sebäpli, öýdäki howanyň temperaturasyna we çyglylygyna üns bermeli. Otaglardaky gurak howa nemli bardanyň guramagyna sebäp bolup, kesel howpuny ýokarlandyrýar. Şonuň üçin öýüň howasyny çalşyp durmak, otaglary wagtly-wagtynda ýelejiretmek maslahat berilýär.

Dogry iýmitlenmek, ýeterlik suw içmek, yzygiderli maşk etmek, şahsy arassaçylygy berjaý etmek we maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp ýokançlyklardan goraýan sanjymlary almak hem gyş paslyny sagdyn geçirmäge ýardam edýär.

Iýmit sanawyna miweleri, ösümlik ýagy goşulan iş-



däaçarlary, şüle, irimçik üwelen undan bişirilen çörek, süýt önümlerini goşmaly. Dümew we sowuklama garşy göreşde ýeterlik derejede suwuklyk içmek aýratyn möhümdir. Limonly we bal garylan çaý, guradylan miweden edilen şerbetler, kisel we miwe şireleri örän peýdalydyr.

Gyş paslyny dümewlemezden geçirmekde halk lukmançylygyndaky bejeriş usullaryny hem ýatdan çykarmaly däl. Şeýle usulda adaty sarymsagy iýip, özüňizi dümewden we sowuklamalardan gorap bilersiňiz. Munuň üçin her gün iki diş sarymsak ýeterlik. Itburun, malina, limon ýokançlyklara garşy göreşde ygtybarly kömekçilerdir.

Eliňi mümkin boldugyça ýygy-ýygydan ýuwup durmaly. Bu ýönekeý amal, diňe bir dümewden we sowuklamadan däl, eýsem, başga-da köp ýokançlyklardan goranmaga mümkinçilik berýär.

Gyş paslynda Gün şöhlesiniň ýeterlik derejede düşmezligi adamlarda gaharjaňlyk, sussupeslik duýgusyny döredýär. Şol sebäpli sussupeslikden, nerw dartgynlylygyndan we aşa ýadamakdan gaça durmaly. Çünki bu ýagdaý bedeniň goranyş ulgamyny peseldip, saglyk bilen bagly töwekgelçilikleri döredýär.

Umuman, ýylyň islendik döwründe bolşy ýaly, gyş paslynda hem sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmeli. Sagdyn iýmitlenmek we ýeterlik derejede sport bilen meşgullanmak, möwsüme görä geýinmek gyş paslynda berjaý edilmeli düzgünleriň iň esasylarydyr. Bedeniňizde dümew alamatlaryny duýan halatyňyzda derman serişdelerini özbaşdak ulanmakdan saklanmaly. Saglyk öýünde gözegçilikden geçip, maşgala lukmanynyň görkezmeleri esasynda bejergi almagy ýadyňyzdan çykarmaň!

**Nury ESENOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň ýokanç keseller kafedrasynyň aspiranty.*

# PEDAGOGIKANYŇ TARYHY ÝÖRELGELERI

*Ýaş nesilleri terbiýelemek, hünär öwretmek we bilim bermek bilim işgärleriniň öňünde durýan wajyp wezipedir. Bu ugurda pedagogika ylmy öňe çykýar. Pedagogikanyň özi terbiýe bermegiň sungatydyr, terbiýe baradaky ylymdyr. 1904-nji ýylda saglygy goraýyş we fiziologiýa boýunça Nobel baýragyna mynasyp bolan dünýä belli alym, fiziolog, akademik Iwan Petrowiç Pawlow terbiýe barada şeýle belleýär: «Terbiýe taryhy nukdaýnazardan ýatlamalaryň halkyň hakydasynda jemlenýän ulgamydyr».*

Gadymy we orta asyrlaryň teologiýasyny we filosofiýasyny ugur edinýän pedagogika XVII asyryň başlarynda filosofiýadan bölünip aýrylýar. Şol döwrüň iňlis filosoflarynyň we tebigat hadysalaryny derňeýjileriň tagallalary bilen bu ylmyň has-da netijeli kämilleşen ulgamy kemala gelip başlaýar. Hususan-da, bu babatda iňlis filosofy, taryhçysy Frensis Bekonyň we çehiýaly pedagog-gumanist, ýazyjy Ýan Amos Komenskiniň hyzmatlary örän uludyr. Dürli döwürleriň ylmy traktatlarynda pedagogika dürli hili düşündirişler berilýär. Şolaryň birinde pedagogikanyň ynsanyň maksatlaýyn we ulgamlaýyn alyp barýan zähmetiniň belli bir ulgama salnan şekilidigi beýan edilse, ýene birinde dürli döwürlerde ynsanyýetiň zähmeti netijesinde toplanan tejribelerini herekete getirýän gural hökmünde garalýandygy nygtalýar. Sosial pedagogika boýunça 100-den gowrak işleriň awtory, pedagogiki ylymlaryň doktory, professor Lew Wladimirowiç Mardahaýewiň belleýşi ýaly, «Pedagogika – ynsana bilim we terbiýe bermegiň kanunalaýyklyklaryny, ýörelgelerini, usullaryny, görnüşlerini, şol nukdaýnazardan düýpli ylmy esaslary özünde jemleýän ylymdyr».

Milli pedagogika ulgamy ýurdumyzda döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugur hökmünde kämilleşdirilýär. Kämilligiň aýdyň ýolundan barýan bu ulgamda ajaýyp özgertmeleriň ençemesi amala aşyrylýar. Ýurdumyzda bilim ulgamynyň 12 ýyllyk umumy orta bilime geçilmegi bu ugurda anyk we netijeli ädimleriň biri bolup, ýaş nesilleriň dünýä derejesinde döwrebap bilim-terbiýe almagyny şertlendirýär. Munuň özi dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim bermegiň kämil ulgamynyň kemala gelýändigini aýdyň görkezýär.



Mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak, kämilleşdirmek hormatly Prezidentimiziň öňde goýýan wezipelerinde aýratyn orunda durýar. Mugallym hemişe öz üstünde işläp, öz hünärini kämilleşdirmegi endik edinmelidir, ähli dersleriň çuň we many-mazmunly geçilmegi üçin ylmy-amaly gözlegde bolmalydyr. Bu bolsa okuwça bilim bermekde, hünär öwretmekde iňňän ýokary ähmiýete eýedir.

**Meretgül ESENOWA,**
*Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Iki milliondan gowrak syýahatçy kabul etdi.** Geçen ýyl Maldiw adalary iki milliondan gowrak syýahatçy kabul etdi. Bu ýurduň taryhynda rekord görkezijidir. Maldiwlere has köp syýahatçy Hytaýdan (260 müňden gowrak) we Russiýadan (220 müň töweregi) barypdyr. Maldiw adalarynda 174 sany dynç alyş şypahanasy bar.



**Garrylaryň sany çalt artýar.** Häzirki wagtda Germaniýada 80 ýaşdan uly ilatyň sany 6 million bolup, bu görkeziji 2050-nji ýyla çenli 8-10 milliona ýeter. Ýurduň hökümeti tarapyndan ýaýradylan «Garrylyk hakynda 9-njy hasabatda» ýurtda garrylaryň sanynyň barha çalt artýandygy öňe sürülýär.



**Hassanyň beýnisine çip goýuldy.** «Neuralink» kompaniýasynyň «Blindsight» atly beýni implanty üçünji adama ornaşdyryldy. Bu barada amerikan işewüri Ilon Mask mälim etdi. Mask bu çipi ýene 20-30 adama ornaşdyrmagy meýilleşdirýändiklerini aýtdy. Bu implant eliňi ulanmazdan, diňe pikiriň güýji bilen elektron enjamlary dolandyrmaga mümkinçilik berýär.



**Nusgalary getirmek gymmada düşer.** NASA-nyň başlygy Bill Nelsonyň sözlerine görä, «Perseverance» marsohodynyň toplan nusgalaryny getirmek 2040-njy ýyldan bärde mümkin däl. Üstesine, munuň üçin azyndan 11 milliard dollar gerek bolar. Bu ýagdaý häzirki şertlerde taslamany durmuşa geçirmegi has gymmada düşürýär.



**Bir hatara düzüler.** 21-nji ýanwarda seýrek kosmiki hadysa bolup geçer. Şol gün alty planeta bir hatara düzüler. 28-nji fewralda olara ýedinji planeta hem goşular. Şeýle deňleşmeler planetalaryň hemmesi Günüň bir tarapynda bolanda ýüze çykýar. Bu hadysany teleskop arkaly görüp bolar.



**Ýol görkezýän «akylly» hasa.** «WeWalk» britan kompaniýasy körler üçin «Smart Cane 2» atly «akylly», eplenýän hasasyny hödürledi. Enjam GPT emeli aň modeli esasynda işleýän ses kömekçisi bilen üpjün edilen. Şeýle hem ol ses çykaryjy gurluş, päsgelçilikleri ýüze çykarýan ulgam we hereket duýujy enjamlar bilen üpjün edilendir.



**«Ýylyň awtomobili» saýlandy.** Ženewada Ýewropanyň «Ýylyň iň gowy awtoulagy» baýragynyň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi. Bu baýraga «Renault 5» hetçbegi mynasyp boldy. Bu ulag 353 bal alyp, «Kia EV3» krossowerinden (291 bal) we «Citroën C3-ëC3» elektroulagyndan (215 bal) öňe geçdi.



**Sakkaradan tapylan aramgäh.** Fransuz arheologlary tarapyndan geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Kairiň günortasyndaky Sakkara sebitinde Köne Patyşalyk döwrüne degişli faraon Pepi II (miladydan öň XXIII-XXII) lukmany Teti Neb-Funuň aramgähi tapyldy. Bu barada Müsüriň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrligi habar berdi.



**Ikinji orna geçdi.** Hytaý litiý ätiýaçlyklary babatda dünýäde altynjy orundan ikinji orna çykdy. Şeýlelikde, ýurduň dünýä bazaryndaky paýy 6 göterimden 16,5 göterime ýetdi. Sanawda Hytaý Awstraliýadan, Argentinadan we Boliwiýadan öňe geçdi. Bu ugurda Çili birinji orny eýeleýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1912-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda Robert Skott we ekspedisiýanyň beýleki 4 agzasy Günorta polýusa baryp ýetýärler, ýöne olar norwegiýaly barlag geçiriji Roal Amundseniň ekspedisiýasynyň birnäçe hepde öň ilkinji bolup bu ýerde düşläp gidendigini anyklaýarlar.**



## HORWATIÝA PREZIDENTINI SAÝLADY

**12-nji ýanwarda Horwatiýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda häzirki Prezident Zoran Milanowiç ýeňiş gazandy. Milanowiç 74,68 göterim, onuň esasy bäsdeşi, dolandyryjy «Horwatiýanyň demokratik bileleşigi» partiýasy tarapyndan goldanýan Dragan Primoras bolsa 25,34 göterim ses aldy. Saýlawlara gatnaşyk 44,16 göterim boldy.**

**Şeýlelikde, Milanowiç Horwatiýanyň taryhynda gaýtadan saýlanan üçünji Prezident boldy. Mundan öň şeýle ýeňşi Franjo Tujman we Stepan Mesiç gazanypdy. Zoran Milanowiç Horwatiýanyň Prezidenti wezipesini 2020-nji ýylyň fewralyndan bäri eýeläp gelýär. Ol öň Sosial-demokratik partiýa ýolbaşçylyk edipdi.**

**Saýlanan Prezident öz ýeňşi barada çykyşynda saýlawlaryň jemini özüniň soňky bäş ýyldaky işiniň raýatlar tarapyndan makullanmagynyň netijesi hasaplaýandygyny belledi.**

**Horwatiýanyň Prezidenti ähli umumy we göni ses bermek arkaly 5 ýyllyk möhlete saýlanyp, esasan, wekilçilikli wezipeleri ýerine ýetirýär, içeri we daşary syýasat ýaly möhüm meseleler Hökümetiň gözegçiligindedir. 2000-nji ýylda ýurduň Konstitusiýasyna düzedişler girizilen-**



**den soňra, Horwatiýa parlament Respublikasy boldy. Ýurt 2013-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň agzasy boldy. Günorta Ýewropada ýerleşýän Horwatiýa Respublikasy 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyna eýe boldy. Ýurduň 4 million ilaty bar.**

## Kansleriň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirer

Awstriýanyň daşary işler ministri Aleksander Şallenberg wagtlaýyn esasda Kansleriň wezipesini ýerine ýetirer. Muňa ýurduň Kansleri Karl Nehammeriň wezipesinden çekilmegi sebäp boldy. 10-njy ýanwarda Karl Nehammer resmi taýdan wezipesinden çekilenden soň täze Ministrler Kabineti döredilýänçä Aleksander Şallenberg hökümete wagtlaýyn ýolbaşçylyk eder. 55 ýaşlyŞallenberg 2019-njy ýyldan bäri Awstriýanyň daşary işler ministri bolup işleýär.

Netijede, Awstriýanyň Prezidenti Aleksandr Wan der Bellen aşa sagçy «Erkinlik partiýasynyň» lideri Gerbert Kikle täze hökümet gurmagy tabşyrdy.

– Kikl hökümet gurmak baradaky gepleşiklerde täsirli çözgütleri tapyp, zerur ynamdan peýdalanýar. Ol bu jogapkärçiligi öz üstüne almaga taýyn, şonuň üçin oňa hökümet gurmak baradaky gepleşikleri dowam etdirmegi tabşyrýaryn – diýip, Aleksandr Wan der Bellen belledi.

Awstriýanyň Prezidenti konserwatorlaryň, sosial-demokratlaryň we liberallaryň koalisiýa döretmek boýunça gepleşikleri



şowsuz tamamlanandan soň, aşa sagçy partiýanyň liderine hökümet gurmagy teklip etdi. 2024-nji ýylyň sentýabr aýynyň ahyrynda geçirilen saýlawlarda «Erkinlik partiýasy» sesleriň, takmynan 29 göterimini aldy, şonuň üçin hökümet gurmak üçin Kikl koalisiýa döretmek boýunça gepleşikleri geçirmeli bolar.

## Liwanyň täze Prezidenti

9-njy ýanwarda, Liwanyň parlamentiniň wekilleri uzak wagtdan soň, goşun serkerdebaşysy Jozef Auny Prezident saýlady. Bilermenler ozal onuň dalaşgärliginiň Liwandaky ähli syýasy güýçlere laýyk gelýändigini belläp geçipdiler. Mundan başga-da, Liwanyň esasy ýaranlary ABŞ we Saud Arabystany Auna ileri tutulýan dalaşgär hökmünde baha berýärler.

Birinji tapgyrda Jozef Aun ýeňiş gazanmak üçin zerur bolan 86 sesi alyp bilmedi. Ol parlamentiň 71 agzasynyň goldawyny aldy. Ikinji tapgyrda Auna 99 deputat ses berdi.

Prezident wezipesi Liwanda 2022-nji ýylyň 31-nji oktýabryndan bäri boş durdy. Şol döwürde, 2016-njy ýyldan bäri ýurda ýolbaşçylyk eden Mişel Aunyň ygtyýarlyk möhleti gutarypdy. Soňky iki ýylda döwlet Baştutany wezipesine dalaşgäri kesgitlemek üçin 10-dan gowrak synanyşyk edildi.

Liwanda Prezidentiň giň ygtyýarlyklary bar. Täze Prezident köp ýyllyk ykdysady çökgünlikden soň ýurdy dolandyrmakda kyn meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Aun çykyşynda özüniň saýlanmagy bilen ýurduň taryhynda täze eýýamyň başlanýandygyny mälim etdi.



Liwan Respublikasy Ýakyn Gündogarda, Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky daglyk ýerde ýerleşýär. Gündogarda we demirgazykda Siriýa, günortada Ysraýyl bilen serhetleşýär. Paýtagty Beýrut. Liwanyň ilaty, takmynan 5,3 million adam. Ýurt 1943-nji ýylda Garaşsyzlygyna eýe bolýar.

## Waýdel dalaşgär hödürlendi

Germaniýanyň sagçy «Germaniýa üçin alternatiw» (AfD) partiýasy özüniň başlygy Alis Waýdeliň dalaşgärligini fewral aýynda geçiriljek parlament saýlawlarynda Kansleriň wezipesine hödürledi. Bu karar Riza şäherinde geçirilen iki günlük gurultaýyň barşynda biragyzdan kabul edildi.

23-nji fewralda boljak saýlawlaryň öňüsyrasynda geçirilen pikir soralyşyklara görä, «Germaniýa üçin alternatiw» partiýasy 20 göterim töweregi goldaw bilen ikinji orunda barýar. Ýöne X platformasynda partiýany goldaýan milliarder Ilon Mask bilen göni söhbetdeşlik geçiren Waýdeliň hökümete ýolbaşçylyk etmek mümkinçiliginiň azdygy bellenilýär, sebäbi partiýalaryň käbiri AfD bilen hyzmatdaşlyk etmekden saklanýarlar.

Pikir soralyşyklarda konserwatiw «Hristian-demokratik bileleşigi»



30 göterim ses bilen öňde baryp, bu bileleşigiň dalaşgäri Fridrih Mers indiki saýlawlarda Kansleriň wezipesine esasy dalaşgär hasaplanýar.

14-17 göterim goldawa eýe bolan merkezi çepçi Sosial-demokratik partiýasynyň agzalary, bu wezipä dalaşgär hökmünde Olaf Şolsy ýene bir gezek hödürledi. Berlinde geçirilen gurultaýa gatnaşyjylaryň aglabasy Şolsa ses berdiler. Geçen ýylyň noýabr aýynda Olaf Şolsuň üç partiýaly koalisiýasy ýatyrylandygyna garamazdan, ol henizem azlyk hökümete ýolbaşçylyk edýär. Bu ýagdaý Germaniýanyň ykdysadyýetini nädip dikeltmelidigi baradaky meselede maliýe ministri Kristian Lindneri işinden çetleşdirenden soň ýüze çykdy.

Şols sosial reformalary wada berýär, Waýdel bolsa ykdysadyýetde we immigrasiýa syýasatynda düýpli üýtgeşmeleri teklip edýär. Saýlawlar meýilleşdirilen wagtyndan ýedi aý öň geçirilýär.

## Partiýa täze liderini saýlar

Kanadanyň Liberal partiýasy indiki lideriniň mart aýynda saýlanjakdygyny habar berdi. «Kanadanyň Liberal partiýasy 9-njy martda täze başlygyny saýlar» diýip, partiýanyň başlygy Saçit Mehra aýtdy. Dalaşgärler 23-nji ýanwara çenli saýlawlara gatnaşýandyklaryny mälim etmeli. Bellige alnan dalaşgär Kanadanyň raýaty ýa-da hemişelik ýaşaýjysy bolmaly.

Golaýda Kanadanyň Premýer-ministri Jastin Trýudo täze liberal lider saýlanandan soň dolandyryjy liberal partiýanyň başlygy we Premýer-ministr wezipesinden çekiljekdigini mälim etdi. Mundan başga-da, Premýer-ministr milli parlamentiň işini 24-nji marta çenli togtatdy.



Soňky 10 ýylda Kanadada häkimiýet başynda bolan Jastin Trýudo ýurtdaky ykdysady meseleler hem-de saýlawçylaryň arasynda özüne bildirilýän ynamyň pese gaçmagy sebäpli işinden çekiljekdigini habar berdi.

## Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşiginiň sammiti geçiriler

Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşiginiň üçünji sammiti şu ýylyň birinji ýarymynda Samarkantda (Özbegistan) geçiriler. Özbegistanyň Daşary işler ministrliginiň metbugat gullugynyň habaryna görä, daşary işler ministri Bahtiýor Saidow Ýewropa Bileleşiginiň daşary gatnaşyklar we howpsuzlyk syýasaty boýunça ýokary wekili Kaýa Kallas bilen telefon arkaly söhbetdeşlik geçirdi.

Söhbetdeşligiň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösüşi barada pikir alyşdylar. Taraplar Merkezi Aziýa bilen Ýewropanyň arasyndaky gatnaşyklaryň çalt depginde ösýändigini belläp, özara hyzmatdaşlygyň netijesinde köp netijeleri gazanandyklaryny we mundan beýläkki gatnaşyklar üçin mümkinçilikleriň bardygyny bellediler.

Taraplar ozal ýyza süýşürilen üçünji Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşiginiň sammitiniň şu ýylyň birinji ýarymynda taryhy Samarkant şäherinde geçiriljekdigini habar berdiler. Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşiginiň üçünji sammitini geçen ýylyň ýazynda Samarkantda geçirmek meýilleşdirilipdi, ýöne birnäçe sebäplere görä ýyza süýşürilipdi.



Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň we Ýewropa Bileleşiginiň ýokary wezipeli ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçirilen ilkinji Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşigi sammiti 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda Gazagystanyň paýtagty Astanada, ikinjisi 2023-nji ýylyň iýun aýynda Çolpan-Atada (Gyrgyzystan) geçirilipdi.

## Dünýäniň iň gymmat şäherleri

**«Numbeo» kompaniýasynyň bilermenleri baha görkezijisiniň esasynda dünýäniň 327 şäherindäki ýaşaýşyň bahasyny hasaplap, dünýäniň iň gymmat şäherleriniň sanawyny täzelediler. Bilermenler öz baha berişlerinde Nýu-Ýorkdaky bahalara esaslanýan ýörite görkezijä salgylanýarlar. Ol 100 göterim görkeziji bilen başlangyç ugur hasaplanýar. Baha bermegiň esasy ölçeglerinde iýmit, öý kireýi, garbanyşhana hyzmatlarynyň bahasy hem-de ilatyň satyn alyş ukyby göz öňünde tutulýar.**

**Ýanwar aýynyň başyna çenli ýagdaýa görä, sanawyň ilkinji üç ornuny Şweýsariýanyň Sýurih, Lozanna we Ženewa ýaly şäherleri eýeledi. Sanawyň ilkinji onlugyna bu ýurduň Bazel we Bern ýaly ýene-de iki şäheri goşuldy. ABŞ-nyň şäherleri ilkinji onlukda dört orna eýe boldular. Esasy üýtgeşiklik bolsa, Islandiýanyň paýtagty Reýkýawik boldy.**

**Şu ýyl dünýäniň iň gymmat şäherleriniň ilkinji onlugyna Sýurih (Şweýsariýa), Lozanna (Şweýsariýa), Ženewa (Şweýsariýa), Nýu-Ýork (ABŞ), Bazel (Şweýsariýa), Bern (Şweýsariýa), San-Fransisko (ABŞ), Gonolulu (Gawaýi, ABŞ), Reýkýawik (Islandiýa), Boston (ABŞ) ýaly şäherler girdi.**

**Sanaw dünýäniň dürli künjeklerinde ýaşamak üçin şertli çykdajylary hasaplamaga mümkinçilik berýär we gymmat şäherleriň birine göçmegi ýa-da syýahat etmegi göz öňünde tutýanlara maliýe ýagdaýlaryny meýilleşdirmäge ýardam berýär.**



## Kanun taslamasy tassyklandy

9-njy ýanwarda Ermenistanyň hökümeti ýurduň Ýewropa Bileleşigine goşulmagy baradaky kanun taslamasyny resmi taýdan tassyklady. Bu barada ýurduň habar beriş serişdeleri mälim etdi. Indi kanun taslamasy parlamentiň garamagyna hödürlener. Ermenistanyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan resminamanyň «Ermenistanyň sözüň doly manysynda Ýewropa Bileleşigine agzalygyny aňlatmaýandygyny we bu mesele boýunça kararyň diňe sala salşyk arkaly kabul edilip bilinjekdigini» belledi.

Ministrler Kabinetiniň kanun taslamasyny goldamagyndan bir gün öň Ermenistanyň daşary işler ministri Ararat Mirzoýan ýurduň ýakyn aýlarda Ýewropa Bileleşigi bilen «täze hyzmatdaşlygyň meýilnamasyna» gol çekip biljekdigini aýtdy. Mirzoýanyň aýtmagyna görä, bu ýene bir giňişleýin resminama bolar. Ministr geçen ýyl Ýewropa Bileleşigi bilen ylalaşyk gazanylandygyny we wiza düzgünlerini liberallaşdyrmak boýunça gepleşikleriň başlandygyny belledi.



Soňky ýyllarda Ermenistan Günbatar bilen gatnaşyklaryny çuňlaşdyrdy. 27 ýurtdan ybarat Ýewropa Bileleşigine agza bolmak ýeňil däl we uzyn proses bolup biler. Deňze çykalgasy bolmadyk Ermenistanyň Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar bilen umumy serhedi ýok.

## Dubaýda goşa gökdirän gurlar

**Norman Foster tarapyndan esaslandyrylan Beýik Britaniýanyň «Foster + Partners» binagärlik kompaniýasy ýakyn wagtda Dubaýda (BAE) guruljak goşa gökdiränleriň taslamasyny hödürledi. Toplumyň iň esasy aýratynlygy, iki diňiň arasyndaky geçelge bolup, şol ýerde hem howuz gurmak meýilleşdirilýär.**

**Binagärlik kompaniýasy tarapyndan habar berlişi ýaly, beýikligi 180 metre deň boljak «Regent Residences Dubai, Sankari Place» diýlip atlandyrylýan toplum Hor-Dubaýyň deňiz kenarynda ýerleşýän «Business Bay» işewür sebitinde gurlar. Bu taslama «Sankari Properties» we «IHG Hotels & Resorts» işewürlik edaralary bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrylar. Iki binada hem**



**howuzly giň eýwanlar bolar, olaryň görnüşi «aşak inýän suwuň» wizual täsirini döreder.**

**Toplumyň aşaky gatlarynda dükanlar, oranjereýa, sport zaly we ýaşaýjylar üçin garbanyşhana zolaklary, ýokarky gatlarynda bolsa, dünýäniň iň beýik binasy 828 metrlik Burj-Halifa bakýan giň jaýlar bolar. «Regent Residences Dubai, Sankari Place» gökdiräniniň ýokarky gatyndaky iki diňi birleşdirjek köprüde giň howuzly kaşaň penthous bolar. Onuň eýeleri we myhmanlary 180 metr beýiklikdäki howuzdan peýdalanyp bilerler.**

**Gurluşygyň tamamlanjak senesi hem-de geljekki gökdiränlerdäki ýaşaýyş jaýlarynyň bahasy heniz mälim edilmedi. Ýöne olaryň üýtgeşik dizaýnyny we ýerleşişini göz öňünde tutsaň, belki-de bahalar emirlikdäki gozgalmaýan emläklere laýyk bolsa gerek.**

# REKORDA GIREN TÄSIN MYHMANHANALAR

**Syýahatçylyk pudagynda jahankeşdelere ýylyň-ýylyna dürli mümkinçilikler, amatly şertler, gaýtalanmajak başdangeçirmeler hödürlenilýär. Bu, esasan, syýahatçylaryň isleglerini nazara almak bilen bagly bolup, şolaryň arasynda haýran galdyrmak üçin ýörite gurulýan myhmanhanalar aýratyn ünsi çekýär. Göz öňüne getiriň, 400 metr belentlikdäki myhmanhanada bulutlaryň arasynda dynç alyp otyrsyňyz ýa-da gyşyň aňzakly sowugynda tutuşlygyna buzdan gurlan myhmanhana barýarsyňyz. Ertekilerdäki ýaly görünýändigine garamazdan, bular hakykat. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki täsin myhmanhanalar baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**



**Dünýäniň iň köne myhmanhanasy.** Ýaponiýanyň Haýakawa şäherinde ýerleşýän Nisiýama Onsen Keýunkan myhmanhanasy 705-nji ýylda gurulýar. 37 otagly, kaiseki restoranly bu myhmanhana nusgawy sungat esbaplary bilen bezelipdir. Otaglaryna tatami matasyndan düşek ýazylan bu myhmanhanada hyzmatkärler nibu-şiki kimono (iki bölek milli eginbaş) geýýärler. Myhmanhanada açyk we ýapyk gyzgyn hammamlar bolup, Alp daglarynyň eteginde medeniýetli dynç almaga mümkinçilik berýär. 2011-nji ýylda Nisiýama Onsen Keýunkan Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna dünýäniň iň köne myhmanhanasy hökmünde girizildi. Nara döwründe döredilen bu myhmanhana 52-nji nesil tarapyndan dolandyrylýar. Iň köne bu myhmanhana Ýaponiýanyň taryhy we medeniýeti bilen tanyşmaga hem mümkinçilik berýär.

**Dünýäniň iň beýik myhmanhanasy.** Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde ýerleşýän 4 ýyldyzly Gewora myhmanhanasy 12 ýyllyk gurluşykdan soň 2018-nji ýylda myhmanlara gapysyny açdy. 75 gatdan ybarat, beýikligi 356 metre barabar bu myhmanhanada 528 otag, restoranlar we aşagynda awtoulag goýulýan, üsti howuzly desgalar bar. Myhmanhana mermer



we altynsow reňkli gurluşyk önümleri bilen bezelipdir. Gewora myhmanhanasynyň birinji gatynda kabulhana bolup, myhman otaglary iň kiçi bir orunlyk otag, uly bir orunlyk otag, iki orunlyk otag ýaly kategoriýalara bölünýär. Kabulhanada Geworanyň dünýäniň iň beýik myhmanhanasydygyny tassyklaýan Ginnesiň rekordlar nyşanyny görmek bolýar. Myhmanhananyň 12-nji gaty asma ýoly arkaly awtoulag duralgasynyň binasy bilen birleşýär. Myhmanhanada sowgatlyk önümleri satylýan dükanlar, güýmenje meýdançalary we «gyzgyn küýze» diýlip atlandyrylýan hammamlar bar. Myhmanhananyň ýokarky gatlarynda bulutlaryň arasynda dynç alyp, Dubaý şäheriniň gözelligini synlap bolýar.

**Dünýäniň iň beýik piramida myhmanhanasy.** 88 gatly Jin Mao diňiniň ýokarsynda ýerleşýän Grand Hýatt Şanhaý myhmanhanasy piramida şekilinde gurlan täsin myhmanhana hasaplanýar. Birinji gaty 329 metr belentlikde ýerleşýän bu myhmanhanada 548 otag bar. Myhmanhana 33 gatly tegelek atriumdan ybarat. Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen Grand Hýatt Şanhaý myhmanhanasynda 18 dürli otag stili bar. Otaglara barmak üçin spiral ýaly aýlanyp gidýän tegelek basgançaklardan ýöremeli. Basgançaklaryň araly-



gyndaky boşlugyň (däliz) diametri 27 metre, beýikligi 115 metre barabar. Huangpu derýasynyň boýunda gurlan piramida görnüşli bu myhmanhana Hytaýyň taryhy gymmatlyklaryny öwrenmäge hem mümkinçilik berýär.

**Dünýädäki iň beýik açyk howuzly myhmanhana.** Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherindäki «Address Beach Resort» myhmanhanasy çür başyndaky açyk howuz bilen görenleri haýran galdyrýar. Myhmanhananyň 77-nji gatynda – 294 metr belentlikde ýerleşýän bu howzuň uzynlygy 95 metre, ini 16,5 metre barabar. Gaýtalanmajak başdange-



çirmeleri hödürleýän bu howuz Olimpiýa howzundan iki esse ýaly uly. Owadan binaly myhmanhananyň depesindäki açyk howuzda ýüzüp ýörşüňe özüňi kenary palmalar bilen bezelen deňizde ýaly duýýarsyň. Howzuň kenarynda Güne ýanmak üçin oturgyçlar we restoran hem bar. Ýokardan seredeniňde ullakan gämä meňzeýän bu howuz Dubaýyň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar.

**Dünýädäki ilkinji we iň uly buz myhmanhanasy.** Şwesiýanyň demirgazygyndaky Jukkasjärwi



şäherçesinde ýerleşýän «Icehotel» gardan we buzdan gurlan dünýädäki ilkinji hem-de iň uly myhmanhana hasaplanýar. 1990-njy ýylda ilkinji gezek myhmanlara gapysyny açan bu myhmanhana Torne derýasyndan alynýan 900 tonnadan gowrak buzdan we 30 tonna töweregi gardan her ýyl täzeden gurulýar. Dekabr-aprel aýlary aralygynda açyk bolýan myhmanhanada howa -5 derejede saklanýar. «Icehotel» myhmanhanasy 6 müň inedördül metr meýdany tutýar. 30 ýyldan gowrak wagt bäri myhmanlary garşy alýan «Icehotel» myhmanhanasynda gardan we buzdan ýasalan sungat gurnamalary, eksponatlar ýylyňýylyna täzeçe görnüşde ýasalýar. Buz basgançaklary, buz lýustralary we buzdan döredilen kartinalary bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan myhmanhana Şwesiýanyň hökmany baryp görmeli 7 täsinliginiň biri hasaplanýar.

# Gan basyşyny kadaly saklamagyň tebigy usullary

**Ýokary gan basyşy (gipertoniýa) ýürek-damar ulgamyna ýaramaz täsir edýän meseleleriň biridir. Gipertoniýa bejerilmese ýa-da üns berilmese, ýürek ýetmezçiligi, beýniniň işjeňligi we böwrek zeperlenmegi bilen bagly çynlakaý töwekgelçiliklere eltip biler. Hünärmenler gan basyşyny kadaly saklamagyň ýa-da ýokary gan basyşyny tebigy ýollar bilen peseltmegiň usullaryny hödürleýärler.**

**Limonly suw we aýran içmek.** Limonda saklanýan kaliý duzuň gan basyşyny ýokarlandyrmakdaky täsirini peseldýär. Arassa içimlik suwuna limon sykyp içmek gan basyşynyň ýokarlanmagynyň öňüni alyp, bedeniň köşeşmegine ýardam edýär. Mundan başga-da, her gün ýeterlik derejede süýt önümlerini iýmek, esasan hem, aýran içmek gan basyşyny kadaly derejede saklamaga kömek edýär. Süýt önümlerinde ýeterlik derejede kaliý saklanýar.

**Maşk etmek.** Hepdede azyndan 2 sagat orta tizlikde maşk etmek, batly ýöremek ýa-da ýeňiljek ylgamak gan basyşyny kadaly derejede saklamak üçin peýdalydyr. Sebäbi bu maşklar ýürek-damar ulgamyny berkitmäge ýardam edýär. Esasan hem, käbir aerob maşklar stresi azaldyp, nerw dartgynlygyndan dynmak üçin has peýdalydyr.

**Sarymsak iýmek.** Sarymsak damarlary giňeldip, gan aýlanyşyny kadalaşdyrýar. Ajymtyk ýiti tagamly bu gök önümi çigligine iýip ýa-da nahara goşup, gan basyşyny kadaly derejede saklap bolýar.

**Agramy gözegçilikde saklamak.** Artykmaç ag-



ram bedende dürli kynçylyklary döredýär. Şolaryň biri hem gan basyşynyň ýokarlanmagydyr. Boýuňa we ýaşyňa görä agramy kadaly derejede saklamaga çalyşmaly. Agramy kadaly derejede saklamak üçin bolsa, sagdyn iýmitlenmeli we bedenterbiýe bilen meşgullanmaly.

**Käbir iýmitleri goşmak.** Iýmit sanawyna kaliý, kalsiý we Omega-3 ýag kislotasyna baý önümleri goşmak gan basyşyny kadaly derejede saklamaga ýardam edýär. Banan, awokado, pomidor we gawun ýaly miwedir gök-bakja önümlerinde ýeterlik derejede kaliý saklanýar. Süýt önümlerinde, brokkolide, badamda we gök otlarda kalsiniň esasy bölegi saklanyp, balykda (losos), hozda, ýumurtgada we kösükli önümlerde Omega-3 ýag kislotasy bar.

**Gün tertibine eýermek.** Metabolik sindrom we uky apnesi adamda saglyk bilen bagly çynlakaý meseleleri döredip, gan basyşynyň ýokarlanmagyna täsir edýär. Bularyň öňüni almak üçin gün tertibine eýermeli, dogry iýmitlenmeli hem-de ýeterlik derejede dynç almaly.

**Sowuk suwa ýuwunmak.** Hünärmenleriň bellemegine görä, hammamy ilki gyzgyn suw bilen başlap, sowuk suw bilen gutarmak nerw damarlaryny herekete getirip, bedeni rahatlandyrýar hem-de ýokary gan basyşynyň öňüni almaga ýardam edýär.

**Gan basyşyna täsir edýän ýagdaýlar:**

Gan basyşynyň kadaly ölçegi ortaça, 120/80 hasaplanýar. Gündizki işler we pikirler gan basyşyny birneme ýokarlandyryp, kellagyry we ýadawlyk ýüze çykyp biler. Dik duranyňda ýa-da oturanyňda birden başyň aýlanmagy, görşüň bulaşmagy ýaly ýagdaýlar ýokary gan basyşynyň ilkinji alamatlarydyr. Gan basyşyny saglyk ýagdaýyna görä wagtly-wagtynda ölçäp durmaly. Gan basyşy ýokarlanyp, bedende gowşaklyk alamatlary duýlan halatynda, derrew lukmana ýüz tutmaly.

## ÇAGALAR

**Antarktidanyň 98 göterimden gowragy buz bilen örtülendir. Bu yklymda dünýäniň ähli buzlugynyň 90 göterimi saklanyp, Grenlandiýa ikinji orunda durýar.**

# Süýnen ýyldyz nirä gidýär?

**Ýyldyz süýnmegi asyrlarboýy adamlarda uly gyzyklanma döredip, bu tebigy hadysa barada dürlüçe ynançlar döräpdir. Köpler ýyldyz süýnende arzuw edýän bolsa, käbir adam halamaýar. Eýsem, ýyldyz süýnmegi nähili ýagdaýda bolup geçýär? Süýnen ýyldyz nirä gidýär? Geliň, bu sowallaryň jogabyny bilelikde öwreneliň!**

Süýnüp gaýdýan gyzyl ot aslynda ýyldyz däl. Bular Ýeriň atmosferasyna girýän we ýokary tizlikde hereket edýän ownuk daş ýa-da tozan bölejikleridir. Bu bölejikler atmosfera bilen çaknyşanda şeýle çalt gyzýar welin, ýalpyldap başlaýar. Bu alaw gijesine asmanda süýnüp barýan çyzyk hökmünde şekillenýär. Astronomlar bu hadysany «meteor» diýip atlandyrýarlar.

Meteorlaryň köpüsi atmosferada doly ýanýar we Ýere ýetmezden ozal ýitýär. Şeýle-de bolsa, käbir ýagdaýlarda uly meteor bölekleri Ýere baryp düşýär we «meteoroidler» diýlip atlandyrylýan gurluşa öwrülýär. Meteorid (meteor emele getirýän bölejik) atmosferanyň ýokarky gatlaklaryna ýetende howa bilen sürtülme sebäpli güýçli gyzgynlyga sezewar bolýar. Bu ýylylyk howany gysýar we meteoroidi buglandyryp, ýalpyldawuk yz döredýär. Bu hadysa halk arasynda «ýyldyz süýndi» diýilýär.

### NÄME ÜÇIN METEORLAR DÜRLI REŇKLERDE ŞÖHLE SAÇÝAR?

Ýyldyz süýnende ählisi şol bir reňkde şöhle saçmaýar. Kä gyzyl, käte ýaşyl, käwagt bolsa, gök meteorlary görýäris. Munuň sebäbi kosmos giňişliginden Ýere tarap gaýyp gaýdýan daşlardaky maddalar bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, daşyň düzüminde natriý köp bolsa, «ýyldyz süýnende» sary uşyk emele gelýär. Eger-de, magniý köp bolsa, ýaşyl, kalsiý köp bolsa gögümtil-gyzyl, kislorod we azot köp bolsa-da,



gyzyl reňkde şöhle saçýar. Bu reňkler meteor emele getirýän maddalaryň radiasiýa täsirine baglylykda üýtgeýär. Şol sebäpli, käbir meteor bir reňkde, käbiri bolsa üýtgäp duran reňkde şöhle saçýar.



### «METEOR ÝAGYŞLARY» NÄME?

Ýeriň töwereginden kometa (ýanýan we kosmosda gaýyp ýören uly daş) geçende ondan bölünip aýrylan ownuk daşlar Ýere tarap gaýdýar. Bu hadysa «meteor ýagşy» diýlip atlandyrylyp, asmana seredenimizde müňlerçe çyzyk bolup ýanyp barýan şöhleleri görmek bolýar.

Ýylda bir-iki gezek gaýtalanýan bu hadysa owadanlygy we täsinligi bilen adamlarda ýatdan çykmajak duýgulary döredýär. «Meteor ýagşyny» köplenç awgust, noýabr we dekabr aýlary synlamak bolýar.

### Jandarlara öýüne barmaga kömek ediň!



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



# ANTARKTIDA HAKYNDA GYZYKLY MAGLUMATLAR

**Antarktida geografik gözlegleriň taryhynda iň soňky açylan yklym bolsa-da, bu yklym barada entek öwrenmäge zat köp. Ýer şarynyň iň günorta ujunda ýerleşýän bu yklym barada nämeleri bilýäris?**

☑ Antarktida Ýer şarynyň iň gurak yklymy bolup, resmi taýdan çöl hasaplanýar. Sowuk howa, güýçli ýeller bu yklymda çyglylygyň pes bolmagyna sebäp bolup, bulutlaryň emele gelmegini kynlaşdyrýar. Şol sebäpli bu ýerde köplenç gurak howa bolup, ýagyş ýagmaýar.

☑ Antarktida dünýäniň ýedi yklymynyň biri bolup, ululygy boýunça Ýewropadan we Awstraliýadan öňde durýar.

☑ Antarktidanyň 98 göterimden gowragy buz bilen örtülendir. Bu yklymda dünýäniň ähli buzlugynyň 90 göterimi saklanyp, Grenlandiýa ikinji orunda durýar. Eger-de, bu yklymdaky buzluklaryň hemmesi erese, deňiz derejesiniň, takmynan 60 metre çenli beýgeljekdigi çaklanylýar.

☑ Antarktida Ýer şarynyň iň çalt gyzýan ýerleriniň biridir.

☑ Kenarlarynda köp mukdarda balyk tutulýan Antarktidada pingwin sürülerine, guşlaryň käbir görnüşlerine duş gelmek bolýar.

☑ Halkara derejesinde girizilen düzgünlere görä,



bu ýerde dag-magdan känlerini gazyp almak we mineral gözleg işlerini geçirmek gadagan.

☑ Ýagyn ýagmaýan hem bolsa Antarktidada täsin tebigy hadysalara duş gelmek bolýar. Şolaryň biri hem buz kristallarynyň howadaky hereketidir. Millionlarça buz bölejikleri Gün şöhlesine ýalpyldap, şemally howada ýokary göterilýär. Bu hadysa başgaça «göwher tozany» diýlip hem atlandyrylýar.

☑ Antarktidanyň gündogaryndaky Teýlor buzlugynyň bir bölegi bolan «Gan şaglawugy» 100 ýyldan gowrak wagtdan bäri alymlaryň ünsüni çekýär. Bu täsin tebigy hadysa 2017-nji ýylda öwrenilende ýerasty kölden syzyp çykýan suwda ýokary derejede duz we oksidlenen demriň bardygy ýüze çykaryldy. Suw howa bilen täsirleşende düzümindäki duz we demir gyzyl reňke öwrülýär.

☑ Antarktidada howanyň ortaça temperaturasy -57 dereje bolup, howa 90 dereje sowukdan, 8 derejä çenli ýyly bolýar. Bu ýere syýahata gitmek isleýänler ýörite eginbaşlary geýmeli bolýarlar. Antarktidada resmi taýdan howa menzili bolmasa-da, kiçiräk uçarlara niýetlenen uçuş-gonuş zolaklary bar. Bu yklyma gämili hem baryp bolýar.

☑ Winson dagy Antarktidanyň iň beýik depesi bolup, beýikligi 4 müň 892 metre barabar. Antarktidada köp sanly wulkan bar. Olaryň ikisi işjeň. Bu ýerdäki Erebus dagy Ýeriň iň günortasyndaky işjeň wulkan hasaplanýar.

### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Gyzykly pursat



# Gysgajyk hekaýatlar

### Nädip akyldar bolmaly?

Gyşyň aňzakly sowuk günleriniň birinde bir adam akyldaryň öýüne baryp, ondan soraýar:

– Men nädip akyldar bolup bilerkäm?

– Sen şo ýalazy meýdana çyk-da, duruber – diýip, akyldar jogap berýär.

Geňirgenen adam aýdylanyny etmeli bolýar. Meýdana çykýar-da, duruberýär. Şol wagt howa has-da sowap, üstesine-de güýçli ýagyş hem ýagyp ugraýar. Ýagşyň astynda uzak durup üşän adam çydaman yzyna dolanýar.



– Men aýdyşyň ýaly daşarda durdum, mundan näme netije? – diýip, ol akyldardan soraýar.

– Sowuk howada, ýagşa ezilip durkaň saňa aýan bolan zat ýokmy? – diýip, akyldar soraýar.

– Ýok-la, näme aýan bolsun maňa? Gaýtam ýagşa ezilip, üşedim. Şeýle ýagdaýda özümi akylly-ha saýmadym – diýip, ol digdeneklápdir.

– Diýmek, onda sen uly açyş edipsiň. Eger-de adam özüniň akylly däldigini boýun alsa, diýmek akyldarlyga tarap bir ädim ädendigini aňladýar. Akyldarlygyň başy hem hut şundan başlanýar – diýip, goja ýylgyrypdyr.

### Daglar we durmuş

Bir oglanjyk kakasy bilen daga gidýär. Oglanjyk birden büdräp ýykylýar-da, aýagyny agyrdyp, «wah» diýip gygyrýar. Geň ýagdaý, ol öz sesiniň gaýtalanmasyny eşidýär: «wah»

Bilesigelijiligi oýanan oglanjyk «Sen kim?» diýip gygyrýar. Ol dag tarapdan «Sen kim?» diýen jogaby alýar.

Bu jogaba gahary gelen oglanjyk: «Sen gorkak» diýip gygyrýar. Dagdan hem oňa «Sen gorkak» diýen ses gelýär.

Oglanjyk kakasynyň ýüzüne çiňerilip: «Kaka, bu näme boldugy?» diýip soraýar.

Kakasy ýylgyryp: «Oglum, üns ber» diýýär-de daga garap, «Sen nähili gözel we ajaýyp» diýip, batly gygyrýar.

Dagdan gelýän ses hem «Sen nähili gözel we ajaýyp» diýip, jogap berýär.

Oglanjygyň kakasy ýene-de gygyrýar: «Sen beýik»

Ol ses jogap berýär: «Sen beýik»

Oglanjyk geň galýar, ýöne näme bolýanyna düşünmeýär.

Onsoň kakasy ogluna düşündirýär. «Adamlar muňa «ýaň» diýýärler, ýöne hakykatda welin, ol durmuşdyr. Ol hemişe seniň öz aýdan ýa-da eden zadyňy yzyna gaýtaryp berýär. Biziň durmuşymyz diňe öz eden işlerimiziň beýany. Eger sen dünýäde köp söýgi, mähir bolmagyny isleýän bolsaň, onda öz ýüregiňde şonça köp söýgi, mähir döret! Eger-de sen öz synpyňda köp başarnyk, ukyp bolmagyny isleýän bolsaň, öz ukyp-başarnygyňy ösdür. Bu ýagdaý hemme zada, durmuşyň ähli ugruna degişli, durmuş elmydama seniň oňa beren zadyňy yzyna gaýtaryp berýär.

*Taýýarlan*
**Nurtäç HALMYRADOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.*

# KITAP BERÝÄN BEKETLER

Moskwada kitap berýän ýörite beketleriň ulgamy ornaşdyrylyp, ol edebi kitaplary almagy ýeňilleşdirýär. Moskwanyň Medeniýet we maglumat tehnologiýalary departamentiniň başlangyjynyň çäginde şäheriň ilaty we myhmanlary okyjy karty bilen bary-ýogy bäş minutda kitap saýlap we alyp bilerler. Bu hyzmat edýän model, kitaphana hyzmatlary pudagynda innowasion çözgüt bolup, kitaphana barman, okamak zerurlygyny kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär.



Taslama ähli ýaşdaky okyjylar üçin edebi eserlere çalt we amatly elýeterliligi üpjün etmäge gönükdirilendir. Kitap berýän beketlerdäki kitaplaryň arasynda nusgawy ýazyjylaryň eserleri, mekdep okuwçylary üçin niýetlenen eserler, ylmy eserler, detektiw we fantastiki eserler bar. 350-den gowrak kitap ýerleşdirilen her bir enjam tutuş ýylyň dowamynda işleýär.

Ulgamyň işleýşi örän ýönekeý bolup, diňe okyjy peteginiň ştrih-koduny skanirlemek ýa-da onuň belgisini girizmek ýeterlik. Şondan soň awtoryň ýa-da temanyň adyny ýazyp, katalogdan gyzyklanýan kitabyňyzy saýlap bilersiňiz. Saýlanyňyzdan soň, enjam awtomatik usulda kitaby berýär. Kitaplary sahabynda goýlan belligi ulanyp, yzyna gaýtaryp bolýar.

# Geýtsiň okamagy ündän kitaplary

2024-nji ýylyň ahyrynda Bill Geýts täze ýylda okamagy maslahat berýän kitaplarynyň sanawyny hödürledi. Geýtsiň pikirine görä, sanawdaky bäş kitabyň dördüsi bizi gurşap alýan dünýä has gowy düşünmäge kömek edýär, bu bolsa tiz üýtgeýän döwürde aýratyn wajypdyr.




Birinji kitap – Doris Kerns Gudwiniň «Tamamlanmadyk söýgi hekaýaty» (An Unfinished Love Story) eseridir. Kitapda awtoryň 1960-njy ýyllarda Ak Tamyň işgäri bolup işlän adamsy bilen durmuşy barada gürrüň berilýär. Geýtsiň pikiriçe, bu iş geçmiş bilen şu günüň aralygyndaky meňzeşligi ýüze çykarýar.

Ikinji kitap – Jonatan Haýdtyň «Ynjalyksyz nesil» (The Anxious Generation) kitaby ene-atalar, pedagoglar we halypalar üçin peýdaly bolar. Awtor döwrebap tehnologiýalaryň we gajetleriň çagalaryň emosional ösüşine nähili täsir edýändigine seredip geçýär.

Üçünji kitap – Greýdi Hillhausyň «Tüýs inženeriýa» (Engineering in Plain Sight) kitaby. Bu kitap öýjükli aragatnaşyk diňleri we transformatorlar ýaly gündelik gurluşlaryň işini düşündirýär. Geýts ol adaty gurluşlardan hemmetaraplaýyn baş çykarmagy halaýanlar üçin gyzykly bolup biler diýip hasaplaýar. Milliarderiň aýtmagyna görä, bu kitap siziň pikir etmedik soraglaryňyza jogap berer.

Dördünji kitap – Mustafa Suleýmanyň «Gelýän tolkun» (The Coming Wave) atly kitaby. Kitapda emeli aň ýaly ylmy üstünlikleriň jemgyýeti nähili üýtgedýändigine baha berilýär. Geýts ony tehnologiýalaryň häzirkizaman dünýäsine edýän täsiriniň iň gowy düşündirişi diýip atlandyrdy.

Bäşinji kitap – Doris Henkeliň tennisçi Rojer Federeriň durmuşyna bagyşlanan «Federer» (Federer) eseri. Geýts bu eseriň tennis muşdaklary üçin arzyly kitaba öwrüljekdigini belledi.

**Zuleýha HAÝDAROWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň müdiri.*

# Paýhaslar

☑ Bagtlylyk seniň pikir edýän, aýdýan we edýän zatlaryň sazlaşykly bolmagydyr.

☑ Adamlar iki hili bolýandyr, biri iş eder, beýlekisi at-abraý alar. Sen birinji topardan boljak bol, sebäbi ol ýerde bäsdeşlik azrakdyr.

***Mahatma Gandi.***

☑ Eger birini ýigrenseň, seniň ondan ýeňildigiňdir.

☑ Hernäçe haýal gitseň git, iň esasysy togtamazlykdyr.

☑ Öz söýýän işiňi saýla. Şonda sen ömrüňde bir gün hem işlemedik ýaly bolarsyň.

***Konfusiý.***

☑ Bagtyň bejerip biljek derdini bejerýän derman ýok.

☑ Aňsat ýetilen bagt uzaga çekmez.

***Gabriel Garsia Markes.***

☑ Özüň hakynda näçe köp pikir etseň, şonça-da az söýlersiň.

☑ Adamlar öz ýalňyşlaryny tejribe diýip atlandyrýarlar.

***Gündogar pähimi.***

☑ Halkyň namysy zenanlaryň aýak yzlarynyň içinde ýatandyr.

***Karlos Fuentes.***

☑ Adam diňe öz kynçylyklaryny sanaýar, bagtly günlerini hasaplamaýar.

***Fýodor Dostoýewskiý.***

☑ Biziň durmuşymyz köplenç agdyklyk edýän pikirlerimiziň netijesini görkezýär.

***Sýoren Kýerkegor.***

☑ Ömür bir aýdymdyr, aýt. Ömür bir oýundyr, oýna. Ömür bir synagdyr, geç. Ömür bir arzuwdyr, ýet. Ömür bir pidakärlikdir, ýardam ber. Ömür bir söýgüdir, hözirini gör.

***Satýa Sai Baba.***

☑ Az zatly däl, eýsem, has kän zat isleýän adam garypdyr.

☑ Bilime maýa goýmak hemişe köp girdeji getirýär.

***Benjamin Franklin.***

☑ Okalýan kitaplaryň şu güni bar, gaýtalanyp okalýan kitaplaryň bolsa geljegi.

***Aleksandr Dýuma.***

## 4-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Bir işi amala aşyrmak üçin oňaýly wagtyny gözlemek. **2.** Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän döwlet. **3.** Miwe. **4.** Gözegçilik, garaşyk. **5.** Hytaýyň sport aýakgap brendi. **6.** «We» baglaýjynyň iňlisçesi. **7.** Nowruz baýramynyň däp bolan tagamy. **8.** «... gezen heder eder» (nakyl). **9.** Çagalara ideg, gözegçilik etmek bilen meşgullanýan gelin-gyz. **10.** Baryş-geliş, ...-git. **11.** El-... **12.** Programma dili. **15.** Saud Arabystanyň domen belgisi. **21.** Aýdym-saz adalgasy. **23.** Arslan. **25.** Günorta Amerikada bir döwlet. **26.** «Ala garga ... gelmez,/Çopan adam çoka bolmaz» (nakyl). **28.** Hindi maşky. **29.** Keçäniň gyrasyna salynýan nagyş. **30.** Şweýsariýaly suratkeş ... Anrietta. **32.** Küşdüň çöpleriniň umumy ady. **35.** ...-wasy, gaýgyçyl. **36.** Birleşen Milletler Guramasy. **37.** Gury iýmiş. **38.** ...-taýpa. **39.** Gün ulgamynda ýedinji planeta. **40.** Ýogyndan uzyn taýak. **41.** Totynyň bir görnüşi. **42.** Şähdaçyk, keýpi kök. **43.** Hindi nahary. **45.** ...-ini. **46.** Aşgaryň täsiri bilen ýene öňki gök reňkine geçýän kagyz. **48.** ABŞ-da bir ştat. **49.** Dürli zatlary kosmosa çykarmakda peýdanylýan serişde. **50.** Organiki birleşme. **52.** Ýük daşalýan iki tigirli ýönekeý ulag. **56.** Gülüň bir görnüşi. **57.** Welosipediň bir görnüşi. **58.** Naryň agymtyl däneli süýji görnüşi. **59.** Edeplilik, sypaýylyk. **60.** Halys bolmak, ýadamak. **61.** Daşarky yşyklandyryş enjamlary. **63.** «Güýjüň ýetmeýän daşa ... urma – zora düşersiň» (Paýhas çeşmesi). **64.** Baýtalyň ýaşajyk gunany.

● **KESELIGINE:** **1.** Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **4.** «Uýalyp, ýerge bakyp, bizden ki ... kyla sen» (Mollanepes). **8.** Aýal doganyň çagasy. **13.** Ýapon woleýbolçysy ... Takahaşi. **14.** Fransuz dramaturgy ... Moris. **16.** Enesi bolan, enesi bar. **17.** Ynha, ine. **18.** Tutuş beden. **19.** Özeniniň daşyna ýapraklary dolanyp, kelleläp hasyl getirýän birýyllyk gök ekin. **20.** Balygyň bir görnüşi. **22.** Ýük daşamakda peýdalanylýan öý jandary. **24.** Beden synasy. **25.** Atyň bir görnüşi. **27.** At esbaby. **31.** Enjamlara gözegçilik we seljeriş ulgamy. **32.** Hilegär. **33.** ...-muňa. **34.** Sergezdan. **36.** Fransuz çöregi. **38.** Umman döwleti. **40.** Çagany gowy görýän, olara mähirli garaýan. **42.** Türkmen teleýaýlymlaryň biri. **43.** Ýelkenli gaýyk sürýän adam. **44.** Ýyl hasabynyň başlanan wagty, ýyl. **45.** Gaýgy-... **47.** Slawýan milli tansy. **51.** Taryp, wasp. **53.** «Dil – bela, diş – ...» (nakyl). **54.** Malaýziýanyň dag ulgamy. **55.** Daşary ýurt adam ady. **57.** Ýat, bigäne. **59.** Oglan ady. **62.** Düzümi iň ýönekeý doýgun uglewodorod. **65.** «Albaý bulap çagyrsam,/ Şuňkarym sen gola ...» (Kemine). **66.** Uzakdaky zatlara seretmek üçin iki sany ugurdaş gözli turbajyklardan ybarat elde göterilýän enjam. **67.** Alym, ylymly. **68.** Russiýanyň logistika kompaniýasy. **69.** Kartalar, jandarlaryň, ösümlikleriň, adam organizmleriniň suratlary, her hili çyzgylar ýerleşdirilen albom. **70.** «Köwsere ýuwupdyr ... syýa saçyn,/Agyz diýen etmez, tilden uýalar» (Mollanepes). **71.** Çörek.

**Eziz SAPAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*




## SÖZ GOÝMAK




**3 Harply:** Mis, apa, uýa, ajy; **4 Harply:** Eset, kino, pion, peso, akar, edep, arka, gaba, ukyp, mart, golf, alaň, ojar, alçy, saýa, halk; **6 Harply:** Abadan, parafin, agaran, Angola, dekabr, paýtyk, dolama, bambuk, arassa, Bossan, çebşek, mimoza, dinamo, Atajan, kerwen, bimaza, faraon; **7 Harply:** Deňleme, Ýupiter, dikuçar; **11 Harply:** Alajagaplaň, pişikguýruk.

## 4-nji SKANWORD




**Gülöwser KAKABAÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# «Barselonanyň» 100-nji kubogy



Ispaniýanyň Super Kubogy ýaryşynda bu gezek «Barselona» ýeňiji boldy. Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda «Barselona» köne bäsdeşi «Real Madridi» 5-2 hasabynda ýeňmegi başardy. «King Abdullah Sports City» stadionynda oýnalan duşuşyga 60 müň janköýer tomaşa etdi.

### 1-nji ýarymda 4 gol

● Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda ilkinji howply pursatlary barselonaly futbolçylar döretselerem, olara Kurtuany geçmek başartmady. Oýnuň 5-nji minutynda garşylyklaýyn hüjümde Kilian Mbappe ýarym meýdançadan alan topuny derweze girizip hasaby açdy. Ýöne madridlileriň begenji uzak dowam etmedi. 22-nji minutda Lamin Ýamal hasaby deňlese, 36-njy minutda penaltini dürs uran Robert Lewandowski katalonlary öňe saýlady. Bu goldan 3 minut soň kelle urgusy bilen tapawutlanan Rafinýa aratapawudy 2 gola çykardy. 45+10-njy minutda bolsa burçdan ýerine ýetirilen urguda uly ýalňyşlyk goýberen madridliler 4-nji goly hem geçirtdiler. Bu goly garşylyklaýyn hüjümde Rafinýanyň pasyndan soň Balde öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Real Madrid» topary taryhynda «El Klasikoda» 1-nji ýarymda 3 gol aratapawudy bilen ýeňliş ýagdaýynda arakesmä çykdy. Mundan öň ilkinji gezek 1926-njy ýylda we soňky sapar 77 ýyl ozal, ýagny 1948-nji ýylda şeýle statistika hasaba alnypdy.



«Barselona» topary 2-nji ýaryma-da gol bilen başlady. 48-nji minutda Rafinýa özüniň 2-nji, toparynyň 5-nji goluny geçirdi. Duşuşygyň 57-nji minutynda VAR-yň görkezmesi boýunça emin Hil Manzano «Barselonanyň» derwezeçisi Woýçeh Şensnyny gyzyl kart bilen meýdançadan çykardy. 60-njy minutda bolsa Rodrigo jerime urgusyndan owadan gol geçirdi. Duşuşygyň galan minutlarynda-da «Real Madrid» hüjümler döretse-de, olara skorbordy üýtgetmek başartmady. Şeýlelikde, 5-2 taryhy hasap bilen «Real Madridi» ýeňen «Barselona» 1 ýyllyk arakesmeden soň, 15-nji gezek Ispaniýanyň Super Kubogynyň eýesi boldy. Mundan 2 ýyl öňki finalda-da «Real Madridi» 3-1 hasabynda ýeňen «Barselona» geçen ýyl 4-1 hasap bilen asgyn gelipdi.

Bu ýaryşda 14-nji gezek ýeňiji bolup, «Barselona» bilen deňleşmekçi bolan «Real Madrid» 13 kubokda galdy.

### 100-nji kubok

● «El Klasikoda» yzly-yzyna uly hasaplar bilen ýeňiş gazanan Hansi Flik «Barselonadaky» ilkinji kubogyny asmana göterdi. Bu umumylykda «Barselonanyň» 100-nji kubogydyr (Kataloniýa sebitiniň ýaryşlary hasaba alynmanda).

Karlo Ançelotti «Realyň» tälimçisi hökmünde «Barselonadan» 18 oýunda 9-njy gezek ýeňlişe sezewar bolup, 4-sinde 4-den köp gol geçirtdi.

«Barselona» ýarym finalda «Atletik Bilbaony» Gawi (17) we Ýamalyň (52) gollary bilen 2-0, «Real Madrid» bolsa «Malýorkany» Bellingamyň (63), Walýentiň (90+2 ö.d.) hem-de Rodrigonyň (90+5) gollary esasynda 3-0 hasaplar bilen ýeňipdi.

## «Awstraliýa Açyk» tennis ýaryşy dowam edýär

● Möwsümiň 1-nji «Uly tuwalga» tennis ýaryşy «Awstraliýa Açykda» 2-nji tapgyryň duşuşyklary tamamlandy. Awstraliýanyň Melburn şäherinde geçirilýän ýaryşda erkekleriň arasynda 6-njy belgidäki Kasper Ruud çehiýaly Ýakub Menikden 3:1 (6:2, 3:6, 6:1, 6:4) hasabynda asgyn geldi. 9-njy belgidäki russiýaly Andreý Rublew braziliýaly Žoao Fonsekadan 3 setde (7:6, 6:3, 7:6) hem-de 10-njy basgançakdaky gresiýaly Stefanos Sisipas amerikaly Aleks Mikelsenden 4 setde (7:6, 6:3, 2:6, 6:4) utuldy. Germaniýaly Aleksander Zwerew ilki fransiýaly Luka Pýuny, soňra ispaniýaly Pedro Martinesi 3:0 hasaplar bilen ýeňdi. Ispaniýaly Karlos Alkarasa-da 3-nji tapgyra çykmak kyn düşmedi. Awstraliýada iň köp çempionlyk gazanan Nowak Jokowiç 3-nji tapgyra çenli 2 garşydaşyny-da 3:1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.



● Zenanlaryň arasynda ilkinji onlukdaky tennisçilerden diňe 5-nji ýerdäki hytaýly Çžen Sinwen ýaryşyň daşynda galdy. Ol 2-nji tapgyrda germaniýaly Laura Sigemunddan 7:3, 7:6 hasaplar bilen ýeňildi. Soňky çempion Aryna Sabalenka ýeke setde-de utulmazdan ýoluny dowam edýär. Sloan Stefens bilen Buzas Maneiro onuň 1-2-nji tapgyrlardaky garşydaşlary boldy. Bary-ýogy 5 oýunda garşydaşlaryna utuk aldyran Ýelena Rybakina 3-nji tapgyrda ukrainaly Daýana Ýastremska bilen duşuşar. Iga Şwentek hem-de Koko Gauff üçin 1-2-nji tapgyryň kynçylygy bolmady.



## Transfer täzelikleri



● Kolumbiýaly ýyldyz futbolçy Hames Rodriges Meksikanyň «Leon» klubunyň düzümine goşuldy. 33 ýaşyndaky futbolçy geçen ýylyň awgust aýynda Ispaniýanyň çempionaty «La Liganyň» «Raýo Wallekano» toparyna geçipdi. Ol bu klubda 6 duşuşykda meýdança çykyp, şolaryň hiç birinde-de netijä täsir edýän statistika gazanyp bilmändi. Rodriges Meksikanyň 8 gezek çempiony «Leon» bilen şu ýylyň ahyryna çenli şertnama baglaşdy. «Leon» topary Hames Rodrigesiň karýerasyndaky 12-nji kluby bolup, ol «Enwigado», «Banfild», «Porto», «Monako», «Real Madrid», «Bawariýa», «Ewerton», «Al Raýýan», «Olimpiakos», «Sau Paulu» hem-de «Raýo Wallekano» toparlarynda oýnapdy.



● «Borussiýa Dortmund» toparynyň niderland oýunçysy Doniell Malen karýerasyny «Premier Liganyň» wekili «Aston Willada» dowam eder. 25 ýaşyndaky ýarymgoragçy iňlis kluby bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdy. Iňlis kluby Maleniň transfer üçin nemes toparyna 22+2 million funt sterling tölär. Malen «Borussiýada» 3,5 möwsümde 132 oýunda 39 gol geçirdi. Ol «Borussiýadan» öň PSW-de oýnapdy.



● Iňlis kluby «Tottenham» düzümine 2-nji koreýaly futbolçyny hem goşdy. Koreýaly ýyldyz oýunçy Hyn Min Sonuň çykyş edýän kluby 20 ýaşyndaky Ýan Min Hýok bilen geçen ýylyň iýul aýynda 5 ýyllyk şertnama baglaşypdy. Golaýda iňlis klubunyň düzümine goşulan Ýan Min Hýok «K League 1»-iň «Kanwon» toparynda 38 oýunda 12 gol geçirdi. «Tottenham» Ýan Min Hýokuň transferi üçin koreý klubuna 4 million ýewro berer.



● Germaniýanyň «Leipsig» topary ýurduň başga bir kluby «Wolfsburgdan» goragçy Ridle Bakuny transfer etdi. «Leipsig» topary 26 ýaşyndaky germaniýaly goragçy üçin «Wolfsburga» 4-5 million ýewro berip, onuň bilen 2027-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. «Maýnsda» futbola başlan Baku 5 ýyldan bäri «Wolfsburgyň» köýnekçesini geýip gelýärdi.



● Ispaniýanyň «Sewilýa» topary nemes kluby «Augsburgdan» 26 ýaşyndaky şweýsariýaly winger Ruben Wargasy 2,5 million ýewro transfer etdi. «Augsburgda» 5,5 möwsüm çykyş edip, 161 oýunda 22 gol geçiren Wargas ispan kluby bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama gol çekişdi.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*17-nji ýanwar (anna)*

Hataýspor – Galatasaraý (22:00)
Monpelie – Monako (23:00)
**Aýntraht – Borussiýa D (00:30)**
Roma – Jenoa (00:45)
Lill – Nissa (01:00)

*18-nji ýanwar (şenbe)*

Nýukasl – Bornmut (17:30)
Žirona – Sewilýa (18:00)
**Bawariýa – Wolfsburg (19:30)**
**Brentford – Liwerpul (20:00)**
Lans – PSŽ (21:00)
Beşiktaş – Samsunspor (21:00)
**Ýuwentus – Milan (22:00)**
Baýer – Borussiýa M (22:30)
**Arsenal – Aston Willa (22:30)**
**Atalanta – Napoli (00:45)**
Hetafe – Barselona (01:00)

*19-njy ýanwar (ýekşenbe)*

Ewerton – Tottenham (19:00)
**Man. Ýunaýted – Braýton (19:00)**
Real Madrid – Las Palmas (20:15)
Ipswiç – Man. Siti (21:30)
Inter – Empoli (00:45)
Marsel – Strasbur (00:45)
Walensiýa – R. Sosiedad (01:00)

*20-nji ýanwar (duşenbe)*

Çelsi – Wulwerhempton (01:00)
Wilýarreal – Malýorka (01:00)

## Yzly-yzyna 8 oýunda gol geçiren 4-nji futbolçy

Angliýanyň çempionatynda 21-nji tapgyrda öňdäki orunlary gyzyklandyrýan duşuşyklaryň 3-sinde ýeňiş gazanan bolmady. Ýylyň garaşylmadyk netije görkezýän topary «Nottingam Forest» öz meýdançasynda sanawyň öňe geçse-de, 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy. «Bornmut» topary 2-nji ýarymda Kluiwertiň hem-de Semenýonyň gollary bilen öňe saýlandy. Ýöne «Çelsi» köp wagtdan bäri oýnap bilmeýän ýyldyzy Ris Jeýmsiň





lideri «Liwerpuly» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri Kris Wuduň 8-nji minutdaky goly bilen hasaby açdy. Myhmanlar bu gola 66-njy minutda Žotanyň geçiren pökgüsi bilen jogap berdi. Duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. «Nottingam Forest» bu duşuşyga çenli yzly-yzyna 6 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýärdi. «Liwerpul» şu wagta çenli çempionatda 1 gezek ýeňlip, Arne Slotuň şägirtleri öz meýdançasynda «Nottingam Forestden» asgyn gelipdi. Londonda «Brentford» bilen duşuşyp, 2-nji ýarymda Fil Fodeniň 66-njy we 78-nji minutlardaky gollary bilen öňe geçen «Mançester Siti» bu üstünligini saklap bilmedi. Ýer eýeleri 82-nji minutda Wissanyň, 90+2-nji minutda-da Nergoryň takyk urgularynyň netijesinde hasaby deňledi. Öz meýdançasynda «Bornmuty» kabul eden «Çelsi» Palmeriň goly bilen 13-nji minutda 90+5-nji minutda tapawutlanmagy bilen 1 utuk gazanmagy başardy. Öz meýdançasynda «Wulwerhemptondan» 3-0 hasabynda üstün çykyp, bassyr 6-njy duşuşygynda ýeňiş gazanan «Nýukasl» 4-nji orna beýgeldi. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Isak «Premier Ligada» yzly-yzyna 8 oýunda gol geçiren 4-nji futbolçy boldy. Ondan öň Jeými Ward (2 gezek), Ruud wan Nistelrooý (2 gezek) hem-de Daniel Starrij çempionatda yzly-yzyna 8 duşuşykda tapawutlanmagy başarypdy. Isak APL-de soňky 11 oýunda 14 gol geçirdi.



Tapgyryň merkezi duşuşygynda, Demirgazyk London derbisinde ýeňiş ýene-de «Arsenalyň» tarapynda bolup, «Tottenham» 25-nji minutda Hyn Min Sonuň goly bilen öňe geçse-de, olara üstünligini saklamak başartmady. 1-nji ýarymyň soňky 5 minutynda Solankeniň awtogoly hem-de Trossaryň takyk urgusy bilen «Arsenal» 2-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

## 8 ýyldan soň 8-nji kubogy

**Portugaliýanyň Liga Kubogynyň finalynda ýurduň öňdebaryjy 2 topary duşuşdy. Leýriýa şäherinde geçirilen finalda «Sporting» bilen «Benfika» özara güýç synanyşdy. Duşuşygyň 29-njy minutynda Şelderup «Benfikany» öňe saýlasa-da, 42-nji minutda Gýokereş penaltini dürs urup, hasaby deňledi. Oýnuň esasy wagty şol hasap bilen tamamlanyp, ýeňijini penalti urgulary kesgitledi. Bu urgularda-da 7-6 üstünlik gazanan «Benfika» 2024/25 möwsüminiň Liga Kubogynyň ýeňijisi boldy. 8 ýyldan soň 8-nji gezek Liga Kubogyny gazanan «Benfika» bu ugurda «Sportingden» 4 kubok öňde barýar. 18-nji gezek geçirilen ýaryşda «Braga» 3 gezek ýeňiji boldy.**



## 10 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýär

Germaniýanyň çempionatynda arakesme tamamlanyp, toparlar 1 hepdäniň dowamynda 16-17-nji tapgyryň duşuşyklaryny geçirdi. 1-nji aýlawy tamamlanan çempionatda «Bawariýa» topary «Borussiýa M» toparyny Keýniň ýeke-täk goly bilen ýeňeninden soň, «Hoffenhaýmdan» 5-0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Sane (2), Gerreýru, Keýn, Gnabri tapawutlandy. 16-njy tapgyrda myhmançylykda «Borussiýa Dortmundy» 3-2 hasabynda ýeňen «Baýere» öz meýdançasynda «Maýnsy» utmagy üçin ýeke-täk gol ýeterlik boldy. Şol goly-da 48-nji minutda Grimaldo jerime urgusyndan derwezä girizdi. «Baýer» topary ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, yzly-yzyna 10-njy ýeňşini gazandy. «Borussiýa Dortmund» täze ýyla şowsuz başlap, «Baýerden» soň myhmançylykda «Holştaýndan» hem 4–2 hasabynda utuldy. Toparda täze tälimçi hökmünde Erik ten Hagyň ady agzalyp başlandy.



### PREMIER LEAGUE (20) – 24 gol

**Brentford—Man. Siti: 2–2** (Wissa 82, Nergor 90+2 – Foden 66, 78), **West Ham—Fulham: 3–2** (Soler 31, Souçek 33, Paketa 67 — Iwobi 51, 78), **Çelsi—Bornmut: 2–2** (Palmer 13, Jeýms 90+5 — Kluiwert 50 p, Semenýo 68), **N. Forest—Liwerpul: 1–1** (Wud 8 — Žota 66), **Ewerton—A. Willa: 0–1** (Wotkins 51), **Lester—K. Palas: 0–2** (Mateta 52, Gehi 78), **Nýukasl—Wulwerhempton: 3–0** (Isak 34, 57, Gordon 74), **Arsenal—Tottenham: 2–1** (Solanke 40 ö.d., Trossar 44 — Hyn Min Son 25), **Ipswiç—Braýton, Man. Ýunaýted—Southempton**

### LA LIGA (19) — 13 gol

**Raýo Wallekano—Selta: 2–1** (Embarba 5, de Frutos 63 — Iglesias 26), **Alawes—Žirona: 0–1** (Solis 90+1), **Walýadolid—Betis: 1–0** (Kike Peres 58), **Espanýol—Leganes: 1–1** (Kabrera 2 — Sisse 14), **Sewilýa—Walensiýa: 1–1** (Pedrosa 90+3 — Rioha 61), **Las Palmas—Hetafe: 1–1** (Ýanuzaý 88 — Koba 70, Maýoral 86), **Atletiko—Osasuna: 1–0** (Alwares 55), **Real Sosiedad—Wilýarreal: 1–0** (Kubo 51)

### SERIE A (20) — 21 gol

**Lasio—Komo: 1–1** (Dia 34 — Kutrone 72), **Empoli—Leççe: 1–3** (Kakaçe 47 — Morente 6, Krstowiç 11, 90+1), **Udineze—Atalanta: 0–0, Torino—Ýuwentus: 1–1** (Wlaşiç 45+1 — Ýyldyz 8), **Milan—Kaliari: 1–1** (Morata 51 — Zortea 55), **Jenoa—Parma: 1–0** (Frendrup 65), **Wenesiýa—Inter: 0–1** (Darmian 16), **Bolonýa—Roma: 2–2** (Dallinga 61, Ferguson 65 p — Salemakers 58, Dowbyk 90+8 p), **Napoli—Werona: 2–0** (Montipo 5 ö.d., Zambo-Anguissa 61), **Monza—Fiorentina: 2–1** (Çurria 44, Maldini 63 — Beltran 74 p)

### BUNDESLIGA (17) — 35 gol

**Holştaýn—Borussiýa D: 4–2** (Matino 27, Harres 32, Bernhardsson 45+4, Arp 90+8 — Reýna 71, Gittens 77), **Baýer—Maýns: 1–0 (Grimaldo 48), Aýntraht—Fraýburg: 4–1** (Koh 43, Marmuş 65, Ekitike 73, Kollinz 81 — Doan 37), **Wolfsburg—Borussiýa M: 5–1** (Winn 3 p, Mele 60, Arnold 75, Nmeça 84, 87 — Fukuda 89), **Bohum—Sankt-Pauli: 1–0** (Hofmann 66), **Ştutgart—Leipsig: 2–1** (Brýun-Larsen 50, Woltemade 60 — Şeşko 10), **Bawariýa—Hoffenhaým: 5–0** (Sane 7, 48, Gerreýru 12, Keýn 26 p, Gnabri 66), **Werder—Haýdenhaým: 3–3** (Grüll 1, 79, Dukş 57 — Şöppner 30, Kerber 61, Skiensa 90+5), **Union Berlin—Augsburg: 0–2** (Klod-Moris 9, 30)

### LIGUE 1 (17) — 29 gol

**Nant—Monako: 2–2** (Ablin 12, Amian 47 — Embolo 52, Salisu 60), **Oser—Lill: 0–0, Brest—Lion: 2–1** (Kamara 8, Ažork 25 — Weretu 45+2), **Reýms—Nissa: 2–4** (Ito 34, Diakon 71 — Gessand 28, Lýabord 44 p, 64, Abdi 86), **Renn—Marsel: 1–2** (Kalimuendo 43 — Grinwud 45, Rabio 49), **Le Hawr—Lans: 1–2** (Aýew 8 — Koýýalipu 28, Maçado 77), **Tuluza—Strasbur: 1–2** (Dukure 35 ö.d. — Emegha 14, 26), **Monpelie—Anže: 1–3** (Sawanie 61 p — Lepol 30, 69, Ferhat 90+9), **PSŽ—Sent-Etien: 2–1** (Dembele 13, 23 p — Dawitaşwili 64)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 20 | 14 | 5 | 1 | 48-20 | 47 |
| 2 | ARSENAL | 21 | 12 | 7 | 2 | 41-19 | 43 |
| 3 | N. FOREST | 21 | 12 | 5 | 4 | 30-20 | 41 |
| 4 | NÝUKASL | 21 | 11 | 5 | 5 | 37-22 | 38 |
| 5 | ÇELSI | 21 | 10 | 7 | 4 | 41-26 | 37 |
| 6 | MAN. SITI | 21 | 10 | 5 | 6 | 38-29 | 35 |
| 7 | ASTON WILLA | 21 | 10 | 5 | 6 | 31-32 | 35 |
| 8 | BORNMUT | 21 | 9 | 7 | 5 | 32-25 | 34 |
| 9 | FULHAM | 21 | 7 | 9 | 5 | 32-30 | 30 |
| 10 | BRENTFORD | 21 | 8 | 4 | 9 | 40-37 | 28 |
| 11 | BRAÝTON | 20 | 6 | 10 | 4 | 30-29 | 28 |
| 12 | WEST HAM | 21 | 7 | 5 | 9 | 27-41 | 26 |
| 13 | TOTTENHAM | 21 | 7 | 3 | 11 | 43-32 | 24 |
| 14 | KRISTAL PALAS | 21 | 5 | 9 | 7 | 23-28 | 24 |
| 15 | M. ÝUNAÝTED | 20 | 6 | 5 | 9 | 23-28 | 23 |
| 16 | EWERTON | 20 | 3 | 8 | 9 | 15-26 | 17 |
| 17 | IPSWIÇ TAWN | 20 | 3 | 7 | 10 | 20-35 | 16 |
| 18 | W. HEMPTON | 21 | 4 | 4 | 13 | 31-48 | 16 |
| 19 | LESTER SITI | 21 | 3 | 5 | 13 | 23-46 | 14 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 20 | 1 | 3 | 16 | 12-44 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 18 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 16 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 15 |
| 4 | Koul PALMER (Çelsi) | 14 |
| 5 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 13 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATLETIKO M | 19 | 13 | 5 | 1 | 34-12 | 44 |
| 2 | REAL MADRID | 19 | 13 | 4 | 2 | 43-19 | 43 |
| 3 | BARSELONA | 19 | 12 | 2 | 5 | 51-22 | 38 |
| 4 | ATLETIK B | 19 | 10 | 6 | 3 | 29-17 | 36 |
| 5 | WILÝARREAL | 19 | 8 | 6 | 5 | 34-31 | 30 |
| 6 | MALÝORKA | 19 | 9 | 3 | 7 | 19-21 | 30 |
| 7 | R. SOSIEDAD | 19 | 8 | 4 | 7 | 17-13 | 28 |
| 8 | ŽIRONA | 19 | 8 | 4 | 7 | 27-25 | 28 |
| 9 | R. WALLEKANO | 19 | 6 | 7 | 6 | 22-22 | 25 |
| 10 | BETIS | 19 | 6 | 7 | 6 | 21-23 | 25 |
| 11 | OSASUNA | 19 | 6 | 7 | 6 | 23-28 | 25 |
| 12 | SELTA | 19 | 7 | 3 | 9 | 28-30 | 24 |
| 13 | SEWILÝA | 19 | 6 | 5 | 8 | 21-28 | 23 |
| 14 | LAS PALMAS | 19 | 6 | 4 | 9 | 24-29 | 22 |
| 15 | HETAFE | 19 | 4 | 7 | 8 | 13-16 | 19 |
| 16 | LEGANES | 19 | 4 | 7 | 8 | 18-29 | 19 |
| 17 | ALAWES | 19 | 4 | 5 | 10 | 21-31 | 17 |
| 18 | ESPANÝOL | 19 | 4 | 4 | 11 | 17-31 | 16 |
| 19 | WALÝADOLID | 19 | 4 | 3 | 12 | 13-37 | 15 |
| 20 | WALENSIÝA | 19 | 2 | 7 | 10 | 18-29 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 16 |
| 2 | RAFINÝA (Barselona) | 11 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 10 |
| 4 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 10 |
| 5 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 8 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 20 | 15 | 2 | 3 | 32-12 | 47 |
| 2 | INTER | 19 | 13 | 5 | 1 | 48-17 | 44 |
| 3 | ATALANTA | 20 | 13 | 4 | 3 | 44-21 | 43 |
| 4 | LASIO | 20 | 11 | 3 | 6 | 34-28 | 36 |
| 5 | ÝUWENTUS | 20 | 7 | 13 | 0 | 32-17 | 34 |
| 6 | FIORENTINA | 19 | 9 | 5 | 5 | 32-20 | 32 |
| 7 | MILAN | 19 | 8 | 7 | 4 | 29-19 | 31 |
| 8 | BOLONÝA | 19 | 7 | 9 | 3 | 29-25 | 30 |
| 9 | UDINEZE | 20 | 7 | 5 | 8 | 23-28 | 26 |
| 10 | ROMA | 20 | 6 | 6 | 8 | 28-26 | 24 |
| 11 | JENOA | 20 | 5 | 8 | 7 | 17-27 | 23 |
| 12 | TORINO | 20 | 5 | 7 | 8 | 20-25 | 22 |
| 13 | LEÇÇE | 20 | 5 | 5 | 10 | 14-32 | 20 |
| 14 | EMPOLI | 20 | 4 | 8 | 8 | 19-25 | 20 |
| 15 | PARMA | 20 | 4 | 7 | 9 | 25-35 | 19 |
| 16 | KOMO | 20 | 4 | 7 | 9 | 22-33 | 19 |
| 17 | WERONA | 20 | 6 | 1 | 13 | 24-44 | 19 |
| 18 | KALIARI | 20 | 4 | 6 | 10 | 19-33 | 18 |
| 19 | WENESIÝA | 20 | 3 | 5 | 12 | 18-33 | 14 |
| 20 | MONZA | 20 | 2 | 7 | 11 | 19-28 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 13 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 12 |
| 3 | Moýze KEN (Fiorentina) | 11 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 9 |
| 5 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 7 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 17 | 13 | 3 | 1 | 53-13 | 42 |
| 2 | BAÝER | 17 | 11 | 5 | 1 | 41-23 | 38 |
| 3 | AÝNTRAHT | 17 | 10 | 3 | 4 | 40-24 | 33 |
| 4 | LEIPSIG | 17 | 9 | 3 | 5 | 29-24 | 30 |
| 5 | ŞTUTGART | 17 | 8 | 5 | 4 | 32-26 | 29 |
| 6 | MAÝNS | 17 | 8 | 4 | 5 | 30-21 | 28 |
| 7 | WOLFSBURG | 17 | 8 | 3 | 6 | 38-29 | 27 |
| 8 | FRAÝBURG | 17 | 8 | 3 | 6 | 25-30 | 27 |
| 9 | WERDER | 17 | 7 | 5 | 5 | 31-32 | 26 |
| 10 | BORUSSIÝA D | 17 | 7 | 4 | 6 | 32-29 | 25 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 17 | 7 | 3 | 7 | 26-26 | 24 |
| 12 | AUGSBURG | 17 | 5 | 4 | 8 | 19-33 | 19 |
| 13 | UNION BERLIN | 17 | 4 | 5 | 8 | 14-23 | 17 |
| 14 | SANKT-PAULI | 17 | 4 | 2 | 11 | 12-21 | 14 |
| 15 | HAÝDENHAÝM | 17 | 4 | 2 | 11 | 23-36 | 14 |
| 16 | HOFFENHAÝM | 17 | 3 | 5 | 9 | 20-34 | 14 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 17 | 3 | 2 | 12 | 25-43 | 11 |
| 18 | BOHUM | 17 | 2 | 3 | 12 | 14-37 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 16 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 15 |
| 3 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 12 |
| 4 | Patrik ŞIK (Baýer) | 11 |
| 5 | Jamal MUSIALA (Bawariýa) | 9 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 17 | 13 | 4 | 0 | 46-15 | 43 |
| 2 | MARSEL | 17 | 11 | 3 | 3 | 39-20 | 36 |
| 3 | MONAKO | 17 | 9 | 4 | 4 | 28-18 | 31 |
| 4 | NISSA | 17 | 8 | 6 | 3 | 35-23 | 30 |
| 5 | LILL | 17 | 7 | 8 | 2 | 26-16 | 29 |
| 6 | LION | 17 | 8 | 4 | 5 | 29-22 | 28 |
| 7 | LANS | 17 | 7 | 6 | 4 | 21-16 | 27 |
| 8 | TULUZA | 17 | 7 | 3 | 7 | 19-19 | 24 |
| 9 | STRASBUR | 17 | 6 | 5 | 6 | 30-29 | 23 |
| 10 | OSER | 17 | 6 | 4 | 7 | 24-26 | 22 |
| 11 | BREST | 17 | 7 | 1 | 9 | 26-30 | 22 |
| 12 | REÝMS | 17 | 5 | 5 | 7 | 23-25 | 20 |
| 13 | ANŽE | 17 | 5 | 4 | 8 | 19-27 | 19 |
| 14 | RENN | 17 | 5 | 2 | 10 | 23-25 | 17 |
| 15 | NANT | 17 | 3 | 7 | 7 | 20-27 | 16 |
| 16 | SENT-ETIEN | 17 | 5 | 1 | 11 | 16-37 | 16 |
| 17 | LE HAWR | 17 | 4 | 0 | 13 | 13-36 | 12 |
| 18 | MONPELIE | 17 | 2 | 3 | 12 | 16-42 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jonatan DEWID (Lill) | 11 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 11 |
| 3 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |
| 4 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 10 |
| 5 | Ewann GESSAND (Renn) | 8 |

## Ne ýeňýär, ne-de ýeňilýär

Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Napoli» öz meýdançasynda «Weronadan» Montipo (ö.d.) we Zambo-Anguissanyň gollary esasynda 2-0



hasabynda üstün çykdy. Soňky çempion «Inter» myhmançylykda «Wenesiýany» Darmianyň ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. «Inter» 19-njy tapgyryň galdyrylan oýnunda «Bolonýa» bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda öňe geçse-de, meýdançany deňlik bilen terk etdi. Duşuşykda «Interiň» gollaryny Dumfris (19) bilen Lautara Martines (45+1), «Bolonýanyň» gollaryny bolsa Kastro (15) bilen Holm (64) geçirdi. «Serie A»-da 20-nji tapgyrda 5 duşuşyk deňlikde tamamlandy. Turin derbisinde «Torino» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan «Ýuwentusyň» 19-njy tapgyryň galdyrylan duşuşygynda «Atalanta» bilen geçiren oýnunda hem şol netije gaýtalandy. Ýeňlişsiz ýoluny dowam edýän «Ýuwentus» bassyr 3-nji, soňky 8 oýunda 7-nji, umumylykda-da 13-nji gezek deňme-deň oýnady. Olaryň 20 oýunda 7 ýeňşi bar. «Kaliari» bilen öz meýdançasynda deňme-deň oýnan «Milan»



19-njy tapgyryň galdyrylan duşuşygynda «Komony» garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, Teo Hernandesiň hem-de Rafael Leaonyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Teo Hernandes 30-njy goluny geçirip, «Milanyň» iň köp gol geçiren goragçysy rekordyny Paolo Maldiniden almagy başardy.

### PSŽ-niň Dembelesi bar

● Fransiýanyň çempionatynda sanawyň ýeňlişsiz lideri PSŽ öz meýdançasynda «Sent-Etien» toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Parižlileriň gollarynyň ikisini hem 13-nji we 23-nji (p) minutlarda Usman Dembele geçirdi. Şol netije «Renn» bilen «Marseliň» arasyndaky duşuşykda-da myhmanlaryň peýdasyna hasaba alyndy. «Marsel» topary Kalimuendonyň goluna Grinwud hem-de Rabionyň takyk urgulary bilen jogap berdi. «Lionyň» myhmançylykda «Brestden» 2–1 hasabynda



utulan tapgyrynda «Monako» myhmançylykda «Nant» bilen utuklary paýlaşdy.

Ispaniýanyň çempionatynda «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Osasunany» 1–0 hasabynda Hulen Alwaresiň 55-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňip, 1-nji orna beýgeldi. Şol hasap «Real Sosiedad» bilen «Wilýarrealyň» arasyndaky oýunda-da bellige alnyp, ýeke-täk goly ýer eýeleriniň ýaponiýaly ýyldyzy Kubo geçirdi. «Sewilýa» bilen «Walensiýanyň» arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady. Bu tapgyryň 2 duşuşygy öň oýnalypdy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ÝYLYŇ GARAŞYLÝAN FILMLERI – 2

**Gazetimiziň geçen sanynda şu ýylyň garaşylýan filmleriniň, esasan hem, ýylyň birinji ýarymynda görkeziljek kinolaryň käbirleri baradaky maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetiripdik. Bu sanymyzda bolsa, şol sanawyň galan filmleri, esasan hem, güýzde we gyşda görkeziljek kinolar barada söhbet açylar.**

### «Thunderbolts»

● «Marvel» kinematografik äleminiň täze gahrymanlarynyň başdan geçirmesi bolan bu filme Jeýk Şreier režissýorlyk edýär. Filmde baş keşbi Florens Pýu janlandyryp, Sebastian Stan, Olga Kurylenko, Dewid Harbor, Wýatt Rassell, Lewis Pullman dagy beýleki keşpleri ýerine ýetirýär. Maý aýynyň başlarynda ekranlara çykjak kinoda o diýen gahryman hasaplanmaýan topara täze iş tabşyrylýar.




### «Lilo & Stitch»

● «Disney» studiýasy mundan 23 ýyl ozal, «Lilo we Stiç» atly animasiýany tomaşaçylara ýetiripdi. Şol multfilmiň janly film görnüşi bolan täze ekran eserine Din Fleýşer Kamp režissýorlyk edýär. Maý aýynda ekranlara çykjak kinonyň kastinginde Billi Magnussen, Kris Sanders, Zäk Galifanakis, Hanna Waddingam ýaly artistler bar.




### «The Battle of Baktan Cross»

● «Hollywood»-yň özboluşly, «auter» režissýorlarynyň biri hökmünde görülýän, 3-4 ýyldan bir kino surata düşürýän Pol Tomas Andersonyň öz ssenarisi esasynda ekranlaşdyrýan täze filminde Leonardo DiKaprio, Benisio del Toro, Rejina Holl, Şon Penn, Alana Haim, Teýana Teýlor, Wud Harris ýaly ussat artistler surata düşýärler. Filmiň awgust aýynda prokatlara çykarylmagyna garaşylýar. Filmiň adynyň üýtgedilmegi mümkin.

### «The Bad Guys 2»

● «DreamWorks Animation» studiýasynyň önümçiliginde 3 ýyl ekranlara çykan «Garagollar» animasiýasynyň 2-nji multfilmi 1-nji awgustdan başlap, tutuş dünýäde görkezilip ugrar. Pier Perifeliň režissýorlygyndaky animasiýanyň gahrymanlaryna Säm Rokwell, Mark Maron, Kreýg Robinson, Awkwafina, Antoni Ramos, Daniella Bruks dagy ses berýär.




### «Naked Gun»

● 1980-90-njy ýyllaryň meşhur uruşly-komediýasy «Ýalaňaç ýarag» filmleriniň täzeçe nusgasy ekranlara çykar. 3 bölümden ybarat şol filmlerde baş keşpde Lesli Nilsen surata düşüpdi. Täze filmde baş keşbi Liam Nison janlandyryp, oňa Pamela Anderson, Pol Wolter Hauzer, Kewin Durand, Denni Hýuston dagy ýoldaşlyk edýär. Akiwa Şafferiň režissýorlygyndaky kino 1-nji awgustda ekranlarda bolar.

### «The Bride!»

● 4 ýyl öň «Ýitirim bolan gyz» filmi bilen režissýorlyga ädim äden ussat aktrisa Meggi Jillenholl 2-nji gezek kameranyň arkasyna geçýär. Frankenşteýn temaly filmde Jessi Bakli, oskarly Kristian Beýl bilen Penelope Kruz, Annette Benning, režissýoryň ýanýoldaşy, tanymal aktýor Piter Sarsgaard, jigisi, meşhur aktýor Jeýk Jillenholl, Julianna Haf dagy dürli keşplerde çykyş edýär. Film sentýabr aýynyň ahyrlarynda görkezilip başlanar.




### «Tron: Ares»

● Ylmy-fantastik uruşly «Tron» filmleriniň üçünjisi oktýabr aýynda ekranlara çykar. «Hollywood»-yň norwegiýaly režissýory Ýoahim Ronningiň režissýorlygyndaky filmde baş keşbi Jared Leto janlandyrsa, Ewan Peters, Greta Li, Jeff Brijjes, Jodi Törner-Smit, Kameron Monagan ýaly artistler oňa ýoldaşlyk edýärler. «Disney»-iň önümi bolan filme IMAX 3D arkaly hem tomaşa edip bolar.

### «Michael»

● Pop aýdym-sazynyň şasy hasaplanýan Maýkl Jekson baradaky «Maýkl» atly film hem ýylyň garaşylýan biografik žanrly kinolarynyň biridir. Filme uruşly kinolar bilen adygan Antuan Fukua režissýorlyk edýär. Filmde Maýkl Jeksonyň keşbini Jaafar Jekson janlandyrsa, Kolman Domingo, Nia Long, Maýlz Teller, Laura Harrier dagy beýleki keşpleri ýerine ýetirýär. Film oktýabr aýynda prokatlara ýaýradylar.




### «Roofman»

● Soňky filminden 9 ýyl soň täze bir kino režissýorlyk edýän Derek Sianfransyň nobatdaky ekran eserinde Çanning Tatum, Kirsten Danst, Ben Mendelson, Piter Dinkleýj, Uzo Aduba, Juno Templ ýaly «Hollywood»-yň meşhur artistleri dürli keşpleri ýerine ýetirýärler. Kraým hem-de drama görnüşli film oktýabr aýynyň başlarynda ekranlara goýberiler.

### «Good Fortune»

● Komediýaçy Aziz Ansariniň ilkinji režissýorlyk synanyşygy bolan bu filmde onuň özi bilen bir hatarda, Keanu Riwez, Set Rojen, Keke Palmer, Sandro O ýaly artistler dürli keşplerde surata düşýärler. Komediýa görnüşli ekran eseriniň görkeziljek wagty 17-nji oktýabr diýlip kesgitlenilýär.

### «Bugonia»

● Soňky ýyllarda adyny köp eşitdirýän gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň arakesmesiz ýene bir filmi peýda bolar. 2023-nji ýylda «Görgüli betbagtlar», geçen ýyl «Ýagşylygyň görnüşleri» filmlerini ekranlaşdyran režissýoryň täze kinosynda-da baş keşpleri Emma Stoun bilen Jessi Plemons hem-de Alisiýa Silwerstoun dagy janlandyrýar. 2003-nji ýylda ekranlara çykan «Ýaşyl planetany halas et» atly koreý filminiň rimeýki bolan kino 7-nji noýabrda kinoteatrlarda görkeziler.




### «Now You See Me 3»

● Ilkinjisi 2013-nji ýylda, ikinjisi 2016-njy ýylda ekranlara çykan «Häzir meni görersiň» filminiň täze bölümi hem 2025-nji ýylyň senenamasyny bezär. Ruben Flaýşeriň režissýorlygyndaky kinoda ozalky 2 filmde hem surata düşen Jessi Aýzenberg, Mark Ruffalo, Wudi Harrelson, Deýw Franko, Aýla Fişer, Lizzi Kaplan, Morgan Friman hem-de Daniel Redkliff dagy dürli keşplerde çykyş edýär. Film 14-nji noýabrda ekranlara çykar.

### «Wicked: For Good»

● Geçen ýylyň şowly çykan filmlerinden, mýuzikal görnüşli «Hyrsyz: Günbataryň jadygöýi hakyndaky erteki» filminiň ikinjisi «Hyrsyz: ýagşylyk üçin» 21-nji noýabrda ekranlarda peýda bolar. Bu filme hem Jon M Çu režissýorlyk edip, kinoda ýene-de Sintia Eriwo, Ariana Grande, Jonatan Beýli, Mişell Ýeo, Jeff Goldblum dagy surata düşýär. 150 million dollar býujetli film birinji kinonyň ähli babatda gazanan başarnygyny gaýtalar diýlip çaklanylýar. Birinji film prokatdan 700 million dollar girdeji toplap, birnäçe abraýly baýraklara dalaşgär görkezildi.



### «Zootopia 2»

● Animasiýa önümçiliginiň öňdebaryjysy «Disney»-iň 2016-njy ýylda prokata çykaran «Haýwanlar şäheri» atly multfilminiň ikinjisi ýylyň iň esasy garaşylýan ekran eserleriniň hatarynda görkezilýär. 26-njy noýabrda prokatlara ýaýradyljak animasiýa Jeýred Buş bilen Baýron Howard bilelikde režissýorlyk edýär. Aňtawçy towşan bilen tilki täze multfilmde başga-başga wakalaryň üstünden barýar.




### «Avatar: Fire and Ash»

● Kino sungatynyň iň köp girdeji gazanan 1-nji we 3-nji filmi «Awatar»-yň dowamy bolan bu kino ýylyň ahyrynda, 19-njy dekabrda ekranlara çykar. Seriýanyň 3-nji kinosy bolan filme ýene-de Jeýms Kameron režissýorlyk edýär. Filmde edil öňki ikisinde bolşy ýaly, Sem Worthington, Zou Saldanýa, Sigurni Wiwer, Stefen Lang, Jowanni Ribisi, şol sanda 2-nji filmde kastinge goşulan Keýt Winslet dagy ozalky keşplerini janlandyrarlar. Olaryň hataryna Dewid Telwis bilen Oona Çaplin hem goşular. 250 million dollar býujetli filmiň ýene-de prokatdan 2 milliard dollardan ýokary girdeji gazanmagyna garaşylýar.




### «Marty Supreme»

● Soňky ýyllarda şowly çykýan filmler bilen ady agzalýan «A24» studiýasynyň önümi bolan bu kinoda Timoti Şalame, Gwinet Paltrow, Taýler Okonma, Abel Ferrara, Penn Žillet ýaly artistler dürli keşpleri ýerine ýetirýärler. Filme Joşf Safdi režissýorlyk edýär. 25-nji dekabrda ekranlara çykjak filmde 1950-nji ýyllaryň meşhur stol tennisçisiniň karýerasy we durmuş ýoly barada söhbet açylýar.



### «The Running Man»

● Tanymal režissýor Edgar Raýtyň belli ýazyjy Stefen Kingiň 1982-nji ýylda çapdan çykan adybir eseri esasynda ekranlaşdyrýan distopik triller görnüşli täze kinosynda Glen Powell, Keýti O'Braýan, Daniel Ezra, Karl Glusman, Joş Brolin, Emiliýa Jons, William H. Meýsi ýaly artistler surata düşýärler. 7-nji noýabrda ekranlara çykjak film ýylyň garaşylýan esasy kinolarynyň hatarynda görkezilýär.

### «Materialists»

● Mundan 2 ýyl öň ilkinji kinosy «Öten günler» (Past Lives) filmi bilen hemmäniň ünsüni çeken kanadaly ýaş režissýor zenan Seline Songuň 2-nji ekran eseri «Materialistler» diýlip atlandyrylýar. Kino bilermenleriniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan filminde Dakota Jonson, Kris Ewans, Pedro Paskal ýaly häzirki zamanyň meşhur artistleri esasy keşpleri janlandyrýarlar. Filmiň ekranlara çykjak wagty anyk bolman, ýylyň soňky 2-3 aýynda prokatlara ýaýradylmagyna garaşylýar.




### «Father, Mother, Sister, Brother»

● Garaşsyz kinolaryň ussat režissýory Jim Jarmuşyň täze filmi şu ýylyň dowamynda ekranlarda peýda bolar. «Kaka, eje, uýa, dogan» diýlip atlandyrylýan filmde Keýt Blanşett, Wiki Krips, Adam Draýwer ýaly belli artistler çykyş edýärler.

### «Jay Kelly»

● Meşhur režissýor Noa Baumbahyň täze filminiň ady häzirlikçe resmi ýagdaýda mälim edilmese-de, ekran eseri «Hollywood»-yň men diýen artistlerini özünde jemleýär. «Netflix»-iň önümi boljak filmde Jorj Kluni, Adam Sandler, Laura Dern, Billi Krudap, Raýli Keo, Jim Broadbent, Aýla Fişer, režissýoryň ýanýoldaşy Greta Gerwig, Patrik Wilson, Alba Rowraher ýaly belli artistler surata düşýär.

### Ketrin Bigelowyň täze filmi

● Oskar gazanan ilkinji zenan režissýor Ketrin Bigelow hem 8 ýyldan soň täze film bilen ekranlara dolanýar. Triller görnüşli täze filmiň ady, şol sanda ekranlara goýberiljek wagty entek belli däl. Uly gyzyklanma bildirilýän bu filmde Idris Elba, Rebekka Ferguson, Jared Harris, Greta Li, Moses Ingram, Treýsi Letts, Jeýson Klark ýaly tanymal artistler dürli keşpleri janlandyrarlar.

### «Nouvelle Vague» hem-de «Blue Moon»

● Özboluşly kinolary bilen tapawutlanýan Riçard Linkleýter 2025-nji ýyly 2 film bilen tamamlar. Onuň 1-nji filmi fransuz kinosy bolup, «Täze akym» (Nouvelle Vague) diýlip atlandyrylýar. Kino sungatynyň ägirtlerinden Žan-Luk Godaryň «Soňky demde» filmini düşürişi barada bolan bu kinoda Giýom Marbek, Zoi Doýç, Obri Dullin ýaly artistler esasy keşpleri ýerine ýetirýärler. Linkleýteriň beýleki filmi «Mawy aý» (Blue Moon) kinosy bolup, «Sony Pictures Classics»-iň garamagynda maý aýynda prokatlara ýaýradyljak ekran eserinde Itan Hawke, Andrýuw Skott, Margaret Kualli, Bobbi Kannawale ýaly artistler surata düşýärler.




### «The Phoenician Scheme»

● Täsin gara komediýalary bilen adygan meşhur režissýor Wes Andersonyň bu kinosynda-da edil öňki filmlerinde bolşy ýaly, meşhur artistleriň ençemesi dürli keşpleri ýerine ýetirýär. «The Phoenician Scheme» atly bu filmde Benisio del Toro, Maýkl Sera, Bill Mörri, Riz Ahmed, Tom Henks, Benedikt Kumberbetç, Skarlett Ýohansson, Şarlotta Gansbur, Rupert Frend, Willem Dafo, Braýan Kranston dagy çykyş edýär. Filmiň görkeziljek wagty häzirlikçe belli däl.

### «The Way of the Wind»

● Özüniň 60 ýyla golaý sungat ýolunda az sanly filmi surata düşüren özboluşly režissýor Terrens Maligiň täze kinosynyň şu ýylyň dowamynda ekranlara çykmagyna garaşylýar. Epiki görnüşdäki filmde Geza Rörig, Mattias Şoenarts, Mark Raýlans, Ben Kingsli, Ýosef Faýns, Tawfik Barhom, Býorn Tors, Duglas But ýaly tanymal artistler çykyş edýärler.

* * *

Gazetimiziň geçen sanynda berlen hem-de ýokarda ady agzalan filmlerden başga-da, fransuz, koreý, meksikan, nemes, italýan, hindi, ispan, ýapon hem-de iňlis kinolarynyň arasynda garaşylýanlarynyň sany az bolmaz. Italiýaly režissýor Paolo Sorrentinonyň täze kinosy «Parthenope», fransiýaly režissýor Arno Depleşeniň «Spectateurs!», fransuz režissýory Lusil Hadžihalilowiçiň «La Tour de glace», fransiýaly meşhur kinematograf Luk Bessonyň «Dracula: A Love Tale», ýene-de Fransiýadan Sedrik Himenesiň «Chien 51», ispaniýaly Alehandro Amenabaryň «El cautivo», germaniýaly Tom Tykweriň «Das Licht», germaniýaly Kristian Petzoldyň «Miroirs No. 3», hytaýly Bi Ganyň «Resurrection», hindistanly Şiw Rawailiň «Alpha», russiýaly Andreý Zwýaginsewiň «Jupiter», finlýandiýaly Ari Asteriň baş keşpde Hoakin Finiksiň surata düşýän «Eddington», amerikaly Kelli Raýkardyň «The Mastermind», koreýaly Pak Çhan Ukuň «No Other Choice», daniýaly Ýoahim Trieriň «Sentimental Value» atly filmleri 2025-nji ýylda ekranlara çykjak beýleki kinolar bolar. Bulardan başga-da, «Nobody 2», «The Smurfs Movie», «Animal Friends», «Sarah's Oil», «Downton Abbey 3», «Saw XI», «The Housemaid» ýaly filmler hem prokatlarda orun alar.



